TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BEÝIK ZEHINLERI DÜNÝÄ BEREN TÜRKMEN HALKY ÖZ AKYLDARLARYNA, ŞAHYRLARYNA BUÝSANMAGA DOLY HAKLYDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
29-njy aprel, 2022. Belgisi 17/1479



# AŞGABAT BINAGÄRLIK TAÝDAN ÖZGERÝÄR

**27-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow iş saparyny amala aşyryp, onuň dowamynda paýtagtymyzyň günorta böleginde gurluşygy tamamlaýjy tapgyra gadam basan Magtymguly Pyragynyň medeni-seýilgäh toplumynyň çäklerinde alnyp barylýan işleriň barşy bilen tanyşdy.**

Irden hormatly Prezidentimiz halkymyzyň ajaýyp söz ussadyna ägirt uly söýgüsiniň nyşany bolan, belentlikden howalanyp görünýän ýadygärligiň ýanyna geldi. Döwlet Baştutanymyz toplumyň ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleriň barşy bilen tanyşdy.

Tebigy we şäher gurşawynyň sazlaşykly utgaşmagy, ýaşyl zolaklaryň döredilmegi paýtagtymyzyň ekologiýa abadançylygyny, ýaşamak üçin oňaýly şertleri üpjün etmegiň möhüm ýagdaýy bolup durýar. Şoňa görä-de, bu täsin künjegi abadanlaşdyrmak, bagy-bossanlyga öwürmek üns merkezinde saklanýar.

Wise-premýer Ç.Purçekow gurluşyk meýdançasynda alnyp barylýan işler, onuň çäklerini abadanlaşdyrmak boýunça görülýän anyk çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimize Magtymguly Pyragynyň medeni-seýilgäh toplumynyň ýerleşýän ýeriniň we umumy görnüşiniň çyzgysy görkezildi. Bu desgany gurmak üçin 41 gektar ýer bölünip berildi.

Soňra türkmen edebiýatynda öçmejek yz goýan nusgawy şahyrymyzyň heýkeli barada düşünje berýän taslamalar görkezildi. Tebigy belentlikde dikilen bürünç heýkeliň beýikligi 60 metre, binýadynyň beýikligi bolsa 25 metre deňdir.

Magtymguly Pyragynyň medeni-seýilgäh toplumynyň çäklerinde ýerleşdirilmegi meýilleşdirilýän diwar ýazgysynyň görnüşleri hem-de yşyklandyryş ulgamlary döwlet Baştutanymyzyň garamagyna hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz medeni-seýilgäh toplumda täzeçil tehnologiýalary ulanmagyň möhümdigini belläp, häzirki zaman yşyklandyryş enjamlaryny ulanmak arkaly Pyragynyň tutuş adamzat jemgyýetine belli bolan şygyrlarynyň ganatly setirlerini baýyrlaryň ýüzünde ýagtylandyrmagyň zerurdygyna ünsi çekdi hem-de bu wezipeleri üstünlikli çözmäge jogapkärli we toplumlaýyn çemeleşmegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz Magtymguly Pyragynyň medeni-seýilgäh toplumynyň daşky girelgesiniň, suw çüwdürimleriniň, dynç alyş zolaklarynyň, bassyrmalaryň we awtoduralgalaryň hödürlenen çyzgylary bilen hem ünsli tanyşdy. Arçabil şaýolunyň ugrunda ýerleşýän çüwdürimli we heýkelli toplumyň durkunyň täzelenilmeginiň teklip edilýän görnüşi görkezildi.

Hormatly Prezidentimiz Magtymguly Pyragynyň medeni-seýilgäh toplumynyň umumy görnüşi, hödürlenen çyzgylar bilen tanşyp, ony abadanlaşdyrmak we bagy-bossanlyga öwürmek baradaky meselelere degişli ýolbaşçylaryň ünsüni çekdi hem-de toplumyň giň çäkleriniň ýanaşyk ýerleriniň arassaçylygyny saklamaga degişli gözegçiligi amala aşyrmagy tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz gök baglaryň – tuýa, akasiýa, serwi we beýleki saýaly nahallaryň görnüşlerini synlap, bu ýerde bina edilýän desgalaryň ählisiniň Köpetdagyň täsin tebigaty bilen bitewi sazlaşygy emele getirmelidigini nygtady. Bu ýerlerde tokaý zolaklary döredilende howa hem-de tebigy şertleri göz öňünde tutmagyň zerurdygy bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz görkezilen taslamalar we çyzgylar bilen tanyşlygyny tamamlap, belentlikde dikilen ýadygärlige tarap ýokarlygyna ugrady. Döwlet Baştutanymyz ýokary çykyp barşyna, basgançaklaryň oňaýly we amatly bolmalydygyna ünsi çekdi.

Döwlet Baştutanymyz wise-premýer Ç.Purçekowa ýüzlenip, bina edilýän desgalaryň bezeginde halkymyzyň milliligine mahsus özboluşly reňk öwüşginlerini giňden ulanmagyň zerurdygyny nygtady.

Hormatly Prezidentimiz dünýäde dostluga, edermenlige, watansöýüjilige çagyrýan ajaýyp eserleri bilen belli bolan Magtymguly Pyragynyň heýkeliniň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyşynyň iň täze binagärlik çözgütlerini özünde jemlemelidigini belläp, wise-premýere desganyň gurluşygynyň ýokary hilli hem-de bellenen möhletinde tamamlanmagyny üpjün etmek barada birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutanymyz wise-premýer E.Orazgeldiýewe ýüzlenip, täze medeni-seýilgäh toplumyny abadanlaşdyrmak we onuň çäklerini bagy-bossanlyga büremek baradaky meselelere ünsi çekdi. Bellenilişi ýaly, bu ýerde bag nahallarynyň şu ýeriniň howasyna uýgunlaşdyrylan dürli görnüşleri ekilip, olar paýtagtymyzyň ajaýyp tebigy künjeginiň ekologiýa abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilmelidir. Şunuň bilen baglylykda, bagy-bossanlyga degişli işleriň alnyp barlyşyna gözegçiligi amala aşyrmak tabşyrylyp, bu babatda anyk görkezmeler berildi.

Döwlet Baştutanymyz Magtymguly Pyragynyň gerimi boýunça ägirt uly ýadygärliginiň iň ýakynyndaky meýdança galyp, şol ýerden ak mermerli paýtagtymyzyň eliň aýasyndaky ýaly açylýan ajaýyp görnüşini synlady hem-de soňky ýyllarda ýerine ýetirilen giň gerimli işleri kanagatlanma bilen belledi. Baş şäherimiziň tanalmaz derejede özgeren keşbi Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan özgertmeler maksatnamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Köpetdagyň eteginde bina edilen belentlikde howalanyp görünýän bu toplum döredijiligine ýüzlerçe ýyllar geçse-de, häzirki wagtda-da tutuş dünýäde sarpa goýulýan we tanalýan türkmen halkynyň şöhratly oglunyň ajaýyp zehinine belent hormatyň hem-de söýginiň beýanyna öwrülip, bagy-bossanlyga beslenmelidir.

Döwlet Baştutanymyz şular barada aýdyp, «Halkyň Arkadagly zamanasy» şygary astynda geçýän şu ýyl beýik Magtymgulynyň edebi mirasyny wagyz etmek, halkara gatnaşyklary we medeni hyzmatdaşlygy giňeltmek maksady bilen, ýurdumyzda hem-de daşary ýurtlarda dürli çäreleri geçirmegiň zerurdygyna Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowyň ünsüni çekdi.

Akyldar şahyrymyz Magtymgulynyň garaşsyz döwlet, erkinlik, ynsanperwerlik hakyndaky arzuw-islegleri bu gün ajaýyp döwrümizde hasyl boldy. Dana Pyragynyň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan, kämil many-mazmunly şygyrlary raýatlary halal zähmete, belent maksatlara ruhlandyrmakda, ýaş nesilleri watansöýüjilik ruhunda terbiýelemekde möhüm ähmiýete eýedir. Magtymgulynyň umman ýaly giň şygryýet dünýäsi ýazyjy-şahyrlarymyzyň, bagşy-sazandalarymyzyň nusgalyk döredijilik mekdebine öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, häzirki döwürde akyldar şahyryň baý edebi mirasyny içgin öwrenmäge, giňden wagyz etmäge, hormat-sarpasyny belende götermäge aýratyn ähmiýet berilýär. Dana Pyragyny sarpalamak türkmen edebiýatyny arşa götermekdir, halkymyzyň milli gymmatlyklaryny dünýä ýaýmakdyr. Magtymgulynyň çuňňur pelsepä, ylahy garaýyşlara, dünýewi ýörelgelere ýugrulan çeper döredijiligi özboluşly mekdepdir. Beýik zehinleri dünýä beren türkmen halky öz akyldarlaryna, şahyrlaryna buýsanmaga doly haklydyr. ■ 2

## Milli ykdysadyýetimizde TELEKEÇILIGIŇ ORNY

**«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda häzirki zaman bazar gurallarynyň giňden ornaşdyrylmagynyň hasabyna hususy ulgamyň ornunyň berkidilmegi, ýurdumyzda telekeçiligiň hemmetaraplaýyn ösdürilmegi hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan durmuş-ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.**



Döwlet Baştutanymyz wezipä girişmek dabarasynda eden çykyşynda: «Döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak we döwlete dahylsyz pudagy ösdürmek döwlet syýasatymyzyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Ýurdumyzda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda işlejek kiçi, orta we iri tehnologik kärhanalaryň gurluşygy ýokary depginler bilen alnyp barlar. Bu bolsa ykdysady kuwwatymyzy berkitmäge oňyn täsir eder» diýip belledi. Bu maksatlara ýetmegiň ýoly Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň 11-nji fewralda geçirilen taryhy mejlisinde kabul edilen «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» beýan edilýär.

Milli maksatnamada döwletimizde 2022-nji ýylda jemi içerki önümiň möçberi 188,2 mlrd. manat möçberde meýilleşdirilendir. Pudaklar boýunça jemi içerki önümiň düzüminde senagatyň paýynyň 27,8%, oba hojalykda 11,5%, gurluşykda 7,7%, ulag we aragatnaşykda 10,7%, söwdada 20,8% we hyzmatlar ulgamynda 21,5% möçberde bolmagyna garaşylýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hususy ulgamyň milli ykdysadyýetimizi has-da güýçlendirmäge goşandy uludyr. Geçen ýylyň netijeleri boýunça, ýangyç we energetika toplumyny göz öňünde tutmazdan, jemi içerki önümiň 70 göterimden gowragyny hususyýetçileriň önümleriniň düzmegi hem milli telekeçileriň ykdysadyýetimizdäki paýynyň uludygynyň subutnamasydyr. Bu günki gün milli telekeçilerimiz dürli ugurlarda öz ukyp-başarnyklaryny subut edip, döwletimizi ösüşlerden ösüşlere ýetirýärler. ■ 2

## Ýurdumyzyň halkara guramalary bilen HYZMATDAŞLYGY BERKEÝÄR

**Bilşimiz ýaly, BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasy tarapyndan «Şäherlerdäki baglar» atly başlangyja bag ekmek çäreleri arkaly goldawy we oňa goşan goşandy üçin Aşgabat şäherine halkara güwänama berildi. Munuň özi Türkmenistanyň durnukly ösüş boýunça Gün tertibiniň meselelerini amal etmekde bitirýän işleriniň nobatdaky ykrarnamasy boldy.**




Türkmenistan halkara bileleşigiň işjeň agzasy hökmünde dünýä derejesinde durnukly ösüşe mynasyp goşant goşmak üçin döwrümiziň derwaýys meseleleri bilen baglanyşykly birnäçe möhüm halkara başlangyçlaryny öňe sürýär. Ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň tarapdary bolmak bilen, ýurdumyz dürli derejede, esasan hem, halkara guramalaryň çäginde häzirki we geljekki nesiller üçin yzygiderli möhüm wezipeleri goýýar we olary çözmäge synanyşýar. Şonuň üçin Türkmenistan diňe bir giň halkara hyzmatdaşlygy ýola goýmaga, ähli ýurtlaryň we halklaryň bähbitlerine laýyk gelýän möhüm başlangyçlary girizmek bilen çäklenmän, eýsem, durmuşa geçirmek üçin çäreleri hem görýär.

Ýurdumyzyň dürli ugurlarda dünýäniň ähli döwletleri hem-de halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk etmegi milli ykdysadyýetimiziň has-da pugtalandyrylmagyna ýardam edýär. Ýurdumyzyň işjeň hyzmatdaşlyk edýän guramalarynyň hatarynda Bütindünýä Söwda Guramasyny hem görkezmek bolar. Mälim bolşy ýaly, halkara söwdany ýönekeýleşdirmek we bu ulgamda agza döwletleriň gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek maksady bilen, 1995-nji ýylda döredilen Bütindünýä Söwda Guramasy täze söwda ylalaşyklarynyň işlenilip taýýarlanylmagyna hem-de ornaşdyrylmagyna jogap berýär, şeýle hem dünýäniň köp ýurtlary tarapyndan gol çekilen we olaryň parlamentleri tarapyndan tassyklanylan şertnamalaryň bu guramanyň agzalary tarapyndan berjaý edilişine gözegçilik edýär. Ata Watanymyzyň bu abraýly halkara guramasyna agza bolmagy babatda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary esasynda degişli işler ýola goýuldy. ■ 2



### Aziýa-Ýuwaş umman Suw sammiti geçirildi

23-24-nji aprelde Ýaponiýanyň Kumamoto şäherinde 4-nji Aziýa-Ýuwaş umman Suw sammiti geçirildi. Bu forum 2006-njy ýylda Ýaponiýanyň öňki Premýer-ministri Rýutaro Hasimotonyň başlangyjy bilen esaslandyryldy. ■ 3

### Kim, haçan oýlap tapdy?

Adamlar irki döwürlerden bäri asman giňişligi bilen ýakyndan gyzyklanypdyrlar. Her gün dogup-batýan Güni, gijesine görnüp, gündiz gaýyp bolýan ýyldyzlary we Aýy öwrenmek üçin tagalla edipdirler. ■ 4



### Birinji oýunlarda iňlis klublary ýeňiş gazandy

UEFA Çempionlar Ligasynda ýarym finalyň birinji oýunlary oýnalyp, iňlis klublary öz meýdançalarynda ispan toparlaryndan üstün çykmagy başardy. ■ 5



# AŞGABAT BINAGÄRLIK TAÝDAN ÖZGERÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Magtymguly Pyragy nusgawy edebiýatyň, milli şygryýetiň altyn eýýamynyň parlak ýyldyzydyr, müňýyllyklardan bäri hoşniýetliligi, parahatçylyk söýüjiligi, açyklygy, kalbynyň giňligi we jomartlygy bilen tapawutlanýan türkmen halkynyň synmaz edebi sütünleriniň biridir. Magtymgulynyň özbaşdak döwlet baradaky gymmatly ündewleri, ýörelgeleri häzirki syýasatymyzyň esaslaryny düzýär. Belentlige uzaýan binalar şäheriň bu tebigy künjeginiň aýratynlyklary bilen sazlaşykly utgaşyp, ajaýyp gözelligi babatda özüne çekiji görnüşleri döredýär.

Daşky gurşawy goramak, tebigata aýawly garamak, geljek nesiller üçin onuň gözelligini hem-de baýlyklaryny gorap saklamak, «ýaşyl» ykdysadyýet ýörelgelerini we tehnologiýalary ornaşdyrmak Türkmenistanyň ileri tutýan ugurlarydyr. Birleşen Milletler Guramasynyň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň «Şäherlerdäki baglar» atly başlangyjyna bag ekmek çäreleri arkaly goldawy we oňa goşan goşandy üçin Aşgabat şäherine halkara güwänamanyň berilmegi ýurdumyzyň daşky gurşawy goramak we ekologiýa babatdaky tagallalarynyň halkara derejede ykrar edilýändiginiň subutnamasyna öwrüldi.

Köp ýyllaryň dowamynda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary esasynda 145 milliondan gowrak bag nahaly ekildi. Ol ýurdumyzda aýratyn howa zolaklarynyň emele gelmegine ýardam edip, sebitde oňyn ekologiýa we howa ýagdaýynyň üpjün edilmegine ýardam berýär. Alnyp barylýan giň gerimli işleriň netijesinde Aşgabatda we onuň töwereklerinde çäkleri ýyl-ýyldan barha artýan tebigat bilen sazlaşykly ýaşyl tokaý zolaklary döredildi.

Baglarynyň we bezeg ösümlikleriniň dürli görnüşleri, gök zolaklary hem-de owadan bezeg gülleri bilen begendirýän ajaýyp seýilgähler we seýilbaglar «Seýilgähler şäheri» diýlip mynasyp ykrar edilen ak mermerli paýtagtymyzyň hakyky bezegi bolup durýar. Şeýle işler, hususan-da, Milli tokaý maksatnamasynyň çäklerinde Türkmenistanyň ähli welaýatlarynda alnyp barylýar.

Soňra bu ýerde wise-premýer M.Mämmedowa Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününe bagyşlanyp, her ýyl geçirilýän Medeniýet hepdeliginiň çäklerinde guraljak toplumyň açylyş dabarasy mynasybetli baýramçylyk çärelerine taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz bu iri medeni-seýilgäh toplumynyň açylmagynyň 2024-nji ýylda Gündogaryň beýik şahyrynyň hem-de filosofynyň 300 ýyllygynyň giňden baýram ediljek senesiniň hormatyna guraljak ägirt uly dabaralaryň özboluşly başlangyjyna öwrüljekdigini belläp, wise-premýere ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegi meýilleşdirilen ähli çärelere taýýarlyk görlüşine gözegçiligi üpjün etmegi tabşyrdy.

Heýkel Magtymguly Pyragynyň özüniň nusgalyk şygryýeti ýaly ajaýyp we gözel bolmalydyr diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady hem-de bu ýere ýygnananlara alnyp barylýan işlerde hut şu ýörelgelerden ugur almagy tabşyrdy.

## Milli ykdysadyýetimizde TELEKEÇILIGIŇ ORNY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Häzirki wagtda bu birleşme ýurdumyzyň hususy işewürliginiň wekilleriniň 27 müňden gowragyny özünde jemleýär hem-de ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz ulgamyny ösdürmek, telekeçilik başlangyçlaryny goldamak boýunça giň gerimli işleri amala aşyrýar.

Türkmenistanda telekeçiligiň hemmetaraplaýyn ösdürilmegi, häzirki zaman bazar gurallarynyň giňden ornaşdyrylmagynyň hasabyna hususy ulgamyň ornunyň berkidilmegi hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň amala aşyrýan durmuş-ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Döwlet Baştutanymyz wezipä girişmek dabarasynda eden çykyşynda: «Döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak we döwlete dahylsyz pudagy ösdürmek döwlet syýasatymyzyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Ýurdumyzda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda işlejek kiçi, orta we iri tehnologik kärhanalaryň gurluşygy ýokary depginler bilen alnyp barlar. Bu bolsa ykdysady kuwwatymyzy berkitmäge oňyn täsir eder» diýip belledi.

Häzirki döwürde telekeçiligiň höweslendirilýän esasy ugurlarynyň biri hem oba hojalyk toplumydyr. Häzirki wagtda türkmen daýhanlaryna topraga ideg edip, ondan bol hasyl almak, alnan hasyllary bolsa önüme, haryda öwürmek üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Şol sanda ýerli maldarlar hem ähli zerur şertler bilen üpjün edilýär. Bu giň mümkinçilikler hususy taraplara ýurdumyzda bazar bolçulygyny döredip, azyk howpsuzlygyny gazanmak ugrunda ummasyz goşant goşmaga ýardam edýär.

Hormatly Prezidentimiziň: «Ýurdumyzda azyk howpsuzlygyny üpjün etmek örän möhüm wezipeleriň biridir. Munuň üçin dünýä standartlaryna laýyk gelýän, bäsdeşlige ukyply, ekologik taýdan arassa, ýokary hilli oba hojalyk önümlerini öndürýän häzirki zaman önümçiliklerini dörederis. Beýleki döwletlerden getirilýän harytlaryň ornuny tutýan oba hojalyk önümlerini özümizde giňden öndürip, olaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrarys» diýen sözleri obasenagat toplumynda iş alyp barýan telekeçilerimizi täze üstünliklere ruhlandyrdy. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň oba hojalyk, azyk we balykçylyk ugurly ýüzlerçe agzasy azyk bolçulygy ugrunda janypkeş zähmet çekýärler.

Olar bazarlarymyzy mal eti, guş eti, balyk we balyk önümleri, ýumurtga, süýt we süýt önümleri, şöhlat önümleri, çörek we çörek önümleri, konditer önümleri, agyz suwy, alkogolsyz içgiler hem-de miwe şireleri, ösümlik ýagy, gök-bakja önümleri, bugdaý, pagta, gök-bakja, azyklyk däneler, miwe önümleri, gaplanan önümler, ary baly,



nahar duzy bilen doly üpjün edýärler. Ýeri gelende bellesek, milli azyk önümlerimiz hiliniň ýokarylygy, tagamynyň datlylygy, tebigylygy, bahalarynyň elýeterliligi bilen tapawutlanyp, daşarky bazarlarda hem uly islegden peýdalanýar. Şonuň üçin içerki bazardan artýan süýji-köke, gök-miwe, bakja, gaplanan gök-miwe önümleri, towuk eti, miwe şireleri, alkogolsyz içgiler, mäş, noýba, nohut, dary, jöwen, künji ýaly azyklyk ekinler, şeýle hem deri, ýüň, miwe önümleri gaýtadan işlenende galýan galyndylar eksporta iberilýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde bäsleşige ukyply döwlet bolmak üçin bu ugurda sazlaşykly ösüşi gazanmak ugrunda uly işleri alyp barýan Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, mertebesi belent bolup, halkymyzyň bagtyýarlygy üçin alyp barýan il-ýurt ähmiýetli, umumadamzat bähbitli işleri üstünliklere beslensin!

**Ýazgül ÝAZBAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň hünärmeni.*

## Ýurdumyzyň halkara guramalary bilen HYZMATDAŞLYGY BERKEÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyzyň bu guramanyň düzümine goşulmagy bilen baglanyşykly hökümet toparynyň mejlisleriniň, şeýle hem ady agzalan guramanyň wekilleri we halkara bilermenler bilen geçirilen geňeşmeleriň netijeleri boýunça ýurdumyzyň BSG-ä synçy derejesinde gatnaşmagynyň ilkinji ädim hökmünde kesgitlenmegi milli ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmak üçin amatly mümkinçilikleri döretjekdigini alamatlandyrýar. Soňky ýyllarda ýurdumyzda bu ugurda degişli kanunçylyk namalary kämilleşdirilýär hem-de söwda amallaryny ýönekeýleşdirmek boýunça toplumlaýyn işler geçirilýär.

Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnamanyň Milletler Bileleşiginiň ähli agza ýurtlary tarapyndan biragyzdan kabul edilendigi, şeýle-de BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisinde Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Halkara söwda hukugy boýunça komissiýasynyň (UNCITRAL) agzalygyna 2022–2028-nji ýyllar döwri üçin saýlanylandygy baradaky hoş habarlaryň gelip gowuşmagy ýurdumyzyň we halkymyzyň abraý-mertebesini ýene-de bir gez beýgeltdi.

UNCITRAL – 1966-njy ýylda Baş Assambleýanyň ikinji sessiýasynda döredilýär. Onuň esasy wezipeleriniň biri hem Halkara söwdasynyň ugrunda hukuk päsgelçilikleriniň azalmagyna we ýok edilmegine ýardam etmek üçin BMG-niň işjeň ornuny berkitmekden ybaratdyr. Komissiýanyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan berlen mandatyna laýyklykda ol « BMG-niň ulgamynyň çäklerinde Halkara söwda hukugynyň çygrynda merkezi söwda edarasy» bolup şulary amala aşyrýar: Halkara söwda çygrynda Halkara Guramalaryň işini düzgünleşdirmek we olaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy goldamak, Halkara konferensiýalaryndaky we Halkara söwdasyndaky kanunlaryň ýeke-täk düşündirilişini we ulanylyşyny üpjün edýän serişdeleri tapmak.

Komissiýa tarapyndan birnäçe resminamalar taýýarlandy we kabul edildi. Olar Halkara satyn almak, satmak şertnamalary barada BMG-niň 1980-nji ýyldaky konwensiýasy, UNCITRAL-yň arbitraž reglamenti, Ýükleri deňizde daşamak baradaky konwensiýasy, Harytlaryň halkara multimodal daşalmagy baradaky konwensiýasy, Elektron söwda boýunça UNCITRAL Model Kanuny.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, ýurdumyzyň ykdysadyýeti bazar gatnaşyklary ýörelgelerine esaslanýar. Şeýle hem döwlet telekeçiligi höweslendirýär we goldaýar, kiçi we orta



işewürligiň ösmegine ýardam edýär.

Şu nukdaýnazardan ugur alnyp, häzirki wagtda Diýarymyzda ykdysadyýetiň mundan beýläk-de berkidilmeginde, onuň dünýä hojalyk ulgamyna birikmeginiň has-da çuňlaşdyrylmagynda, häzirki zaman senagat, maliýe we söwda infrastrukturasynyň kämilleşdirilmeginde, telekeçilik işiniň ähli görnüşleri üçin amatly şertleriň döredilmeginde we daşary ýurt döwletleriniň işewür toparlary bilen söwda-ykdysady we maýa goýum hyzmatdaşlygynyň hemmetaraplaýyn ösdürilmeginde giň gerimli işler alnyp barylýar we bu babatda kanunçylyk ulgamy hem yzygiderli kämilleşdirilýär.

Alnyp barylýan şu işler ýurdumyzyň dünýäde geljekde eýelejek ornunyň berkidilmegine, ählumumy işlere işjeň gatnaşmak bilen birlikde, özüniň bäsdeşlige ukyply artykmaçlyklaryny has oňaýly peýdalanmak mümkinçiligine gönükdirilendir.

**Arslan MÄMMETORAZOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri.*

## Infrastrukturasyna düýpli maýa goýdy

Hytaýda şu ýylyň birinji çärýeginde gara ýollaryny we gämi gatnawlary infrastrukturasyny ösdürmek üçin goýlan maýa goýum geçen ýylyň degişli döwründäkiden 11,4



göterim ýokary bolupdyr. Ýurduň ulag ministrliginiň maglumatlaryna görä, bu pudagy ösdürmek üçin 78,88 milliard dollar pul serişdesi gönükdirilipdir. Hytaýyň demirgazyk günbataryndaky Ninsýa-Hueý awtonom sebitinde 135 göterim ösüş gazanylyp, iň köp maýa goýlan sebit bolupdyr. Ýurduň çägindäki belent daglary, çölleri, giň düzlükleri we tropik tokaýlaryny birleşdirýän giň infrastruktura döredilýär. Hytaýyň paýtagty we onuň töweregindäki senagat taýdan ösen sebitlerde has köp gara ýoly infrastrukturasy bar.

**Gülnara ŞADURDYÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## «Microsoft» bilen «Alphabet» girdejilerini ýokarlandyrdy

ABŞ-nyň «Microsoft» hem-de «Alphabet» kompaniýalary 2022-nji ýylyň birinji çärýeginde degişli girdejileri barada maglumat berdi. Esasan, programma üpjünçiligi bilen meşgullanýan «Microsoft»-yň girdejisi geçen ýylyň degişli döwründäki-



den 18 göterim artyp, 49,4 milliard dollara ýetipdir. Geçen ýylyň birinji çärýeginde kompaniýa 41,7 milliard dollar girdeji gazanan bolsa, kompaniýanyň peýdasy bu döwürde 8 göterim artyp, 16,7 milliard dollara ýetipdir. Geçen ýyl bu görkeziji 15,5 milliard dollar bolupdyr. «Microsoft»-yň her paýnamadan alan peýdasy 2,03 dollardan 2,22 dollara çykypdyr.

«Alphabet» kompaniýasynyň girdejisi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 23 göterim ýokarlanyp, 68 milliard dollara ýetdi. Kompaniýa 2021-nji ýylyň degişli döwründe 55,3 milliard dollar girdeji gazanandygyny mälim etdi.

**Ogulsadap ATA MUHAMMED,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Hytaýda sürüjisiz taksi hyzmaty

Hytaýyň awtonom awtoulag öndürijisi «Pony.ai» ýurtda ilkinji sürüjisiz taksi sürmek üçin ygtyýarnama aldy. Kompaniýa maý aýynyň başyndan Guançžou şäherinde müşderiler üçin 100 sany sürüjisiz taksileri hyzmata goýberer. Awtonom taksiler Nanşa



etrabynda 800 inedördül kilometr meýdanda hyzmat eder. Kompaniýa şuňa meňzeş hyzmatlary geljek ýyl paýtagt Pekinde we Şanhaýda ýola goýmagy meýilleşdirýär. Hytaýyň Guançžou şäherinde we ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynyň Fremont şäherinde iş alyp barýan «Pony.ai» köp wagtdan bäri ABŞ-da we Hytaýda «Robotaxi» atly sürüjisiz taksi hyzmaty üçin synaglaryny geçirýär. Kompaniýa Hytaýyň «Baidu» internet kompaniýasy bilen bilelikde awtoulagda sürüjisiz ulag synagy üçin rugsat alan ilkinji kompaniýalaryň biri boldy.

**Bahar KUWATOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Girdejisini mälim etdi

ABŞ-nyň «Boeing» kompaniýasy şu ýylyň birinji çärýegindäki girdejileri barada maglumat berdi. Uçar önümçiligi we kosmos pudagynda iş alyp barýan kompaniýa üç aýyň dowamynda 13,9 milliard dollar



girdeji gazanypdyr. Geçen ýylyň degişli döwründe bu görkeziji 15,2 milliard dollar bolupdyr. Netijede, kompaniýanyň girdejisi geçen ýylyň degişli döwründäkiden 8 göterim pes bolup, pul hasabynda bu görkeziji 1,2 milliard dollardan gowrak bolýar. Kompaniýa käbir maksatnamalaryň gijä galandygy sebäpli girdejisiniň geçen ýyldakydan pes bolandygyny mälim etdi. Şeýle hem kompaniýa täze «Boeing 777-9» uçarynyň 2025-nji ýyldan başlap, müşderilere ýetirilip başlanjakdygyny habar berdi.

**Tejen AHALOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Oýun oýnamagyň çagalaryň ösüşine täsiri

Çagalar entek dil bitmänkä aýtmak isleýän zatlaryny hereketler ýa-da oýunlar arkaly düşündirýärler. Çaga wagtynda oýun oýnamak adamyň döredijiligini ösdürýär, netije çykarmak, çözgüt tapmak ukybyny artdyrýar. Oýnawajyny deň-duşlary bilen bile oýnan çaga zadyny paýlaşmagy, özüne degişli zada eýe çykmagy öwrenýär. Şeýle hem sabyr etmegi, garaşmagy, çemçede nahar iýmek we beýleki gurallary ulanmak ýaly gündelik



durmuşda gerek bolan endikleri öwrenýär. Oýun diňe fiziki taýdan däl, aň taýdan hem çaga üçin peýdalydyr. Wagtly-wagtynda naharlanmagyň zerur bolşy ýaly, wagtly-wagtynda oýun oýnamak hem çaga üçin zerurdyr. Çaga oýunlar arkaly ünsli bolmagy, täze sözleri, bir zady gürrüň bermegi, gepini düşündirmegi öwrenýär. «The Journal Pediatrics» žurnalynda çap edilen makalada oýun oýnaýan çagalaryň dersde has ünsli bolýandygy ýüze çykarylypdyr. 8-9 ýaşly çagalaryň arasynda geçirilen bu synagda günüň dowamynda 15 minutdan köp oýun oýnaýan çaganyň sapaklarynda has gowy netije görkezendigi anyklanypdyr. «Early Childhood Education Journal» žurnalynda çap edilen ylmy makalada mekdebe çenli ýaşdaky çagalaryň erkin ýagdaýda we ulularyň ugrukdyrmagy bilen oýun oýnanlarynda isleg-arzuwlaryny has gowy düşündirip bilýändigi ýüze çykarylypdyr. Şeýle hem çaga ýaşdaky oýunlaryň hakyky durmuşda gerekli bolan ukyplaryň ösdürilmegine goşant goşýandygy anyklanypdyr.

**Almagül HALJANOWA,**
*Aşgabat şäherindäki 18-nji çagalar bagynyň dil düzediş mugallymy.*

## Möwsümleýin kesellerden goranyň!

Ýiti respirator keseli pasyllaryň çalyşýan döwründe duş gelýär. Kesel ýokuşanda kellagyry, endamyň agyrmagy, ysgynsyzlyk, bedeniň gyzgynlygynyň ýokary galmagy, gözden ýaş akmak, asgyrmak ýaly alamatlar ýüze çykýar. Ýiti respirator keselini döredýän wirusyň zäherleri beden agzalaryna zeper ýetirýär. Adam aýak üstünde keseli geçiren bolsa, kesel gaýra üzülmeleriň döremegine sebäp bolup bilýär. Bu ýagdaýlar dem alyş we nerw ulgamyna, ýüregiň we böwrekleriň kadaly işleýşine zyýan ýetirip bilýär. Köplenç bedeni gowşak, ýürek-damar, nerw ulgamynyň ötüşen kesellerinden ejir çekýän adamlar we çagalar ýiti respirator keseli bilen keselleýärler.

Ýiti respirator ýokanç keselinden goranmak üçin öý we edara otaglarynyň howasyny çalşyp durmaly, ýelejiretmeli. Dymyk howaly otaglarda, köp adamlaryň üýşýän ýerlerinde ýiti respirator keseliniň wiruslary köpelýär. Salkyn otaglarda bolnanda, sowuk içgiler içilende adam bedeniniň kesellere garşy göreşmek ukyby peselýär we ýiti respirator ýokanç keseliniň wiruslaryna duýgur bolýar. Eger-de maşgala agzalaryňyzdan biri ýiti respirator ýokanç keseli bilen kesellän bolsa, ony mümkinçilik bolan ýagdaýynda aýratyn otaga ýerleşdirmeli we haýal etmän lukmana ýüz tutmaly. Mundan başga-da, näsagyň aýratyn gap-gaçlary gyzgyn suwda gowy ýuwulmaly we durlanmaly. Näsagyň ýanyna barýan beýleki maşgala agzalary lukmançylyk örtügini dakynmaly. Bir gezeklik agyz-burun örtügini her 2 sagatdan çalşyp durmaly. Näsaga limonly çaý, bally ýyly süýt, mineral suw we beýleki suwuklyklary (ir-iýmişleriň, miweleriň gaýnatmalary, täze sykylyp alnan şireleri, melhem çaýlary) günüň dowamynda yzygiderli içirmeli. Lukman bilen maslahatlaşman özbaşdak derman serişdelerini kabul etmeli däl. Bedeniň gyzgyny aşa ýokary derejede saklanýan bolsa, haýal etmän lukmana ýüz tutmaly we onuň bellän bejergisini doly we dogry berjaý etmeli.



Iýmitleneniňizde ter gök we bakja önümlerini, miweleri, ir-iýmişleri iýmit düzgünine goşmaly, ylaýta-da sogan bilen sarymsak iýmeli. Olaryň düzüminde köp mukdarda fitonsidler bar. Mundan başga-da, Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilýän derman otlardan taýýarlanan melhem çaýlary, dermanlyk ösümliklerden narpyzyň, ýandagyň, çopantelpegiň, itburunyň, buýan köküniň, injir ýapragynyň demlemesi peýdaly içgiler hökmünde maslahat berilýär.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

## 3 ýylda 60 million paýlady

Angliýada üç ýyl ozal Ýewropa ýurtlarynda oýnalýan «EuroMillions» lotoreýasyndan 115 million funt sterling gazanan Franses Konnolli utan pulunyň ýaryndan gowragyny paýlady. Konnolli indi adamlara kömek etmegiň endige öwrülendigini aýdýar. 55 ýaşly zenan ýanýoldaşy Frank



bilen bilelikde her ýylda haýyr-sahawata bagyşlajak pulunyň möçberini kesgitläpdirler. Konnolli 2019-njy ýylda lotoreýa utan wagty dost-ýarlaryna we dogan-garyndaşlaryna kömek edip başlapdyr. Ýurduň Hartlpul şäherinde ýaşaýan Konnolli kimdir birine kömek etmegiň özünde hoşallyk duýgusyny döredýändigini aýdýar. Konnolli häzire çenli 60 million funt sterlingini paýlapdyr. Ol beren pullarynyň hasabyny ýöretmeýändigini aýdýar. Konnolli lotoreýa oýnamazdan ozal haýyr-sahawat işlerinde işläpdir. Häzirki wagtda ol iş orunlaryny döretmäge ýardam edýän, hünär ussatlygyny ýokarlandyrýan, okuw sapaklaryny geçýän edaralara goldaw berýär. Onuň ýanýoldaşy bolsa, ozalky işini dowam etdirýär.

**Bahargül ANKAROWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň talyby.*

## Ewereste 10-njy gezek çykar

Nepally Şerpa Lhakpa Ýer ýüzüniň iň beýik nokady bolan Ewereste iň köp dyrmaşan zenan hökmünde Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna adyny ýazdyrdy. Indi bolsa ol 10-njy gezek Ewereste çykyp rekordyny täzelemek isleýär. Onuň kiçi gyzy, 15 ýaşly Şini hem dagyň belli bir belentligine



çenli çykýar. Şerpa Lhakpa Gimalaý daglarynyň gerişlerinde, deňiz derejesinden 4 müň metr belentlikdäki obada dünýä inipdir. Häzirki wagtda 48 ýaşynda bolan Lhakpa ilkinji gezek 2000-nji ýylda dagyň depesine çykypdyr. Ol ilkinji gezek daga çykan wagty arzuwyna ýeten ýaly duýgyny başdan geçirendigini belleýär. Ol 2003-nji ýylda Ewereste üçünji gezek çykan ilkinji zenan hökmünde rekord goýýar we ondan soňra rekordlaryny dowam etdirýär. Şol gezek Lhakpa dagyň depesine öz erkek dogany hem-de uýasy bilen bilelikde çykyp, 8 müň metr beýiklige çykan üç dogan hökmünde rekord goýýar.

Lhakpa dagyň çür depesinde 5-10 minutdan köp durup bolmaýandygyny, şonuň üçin ilki surata düşýändigini aýdýar. Ewerest dagyna ilkinji gezek 1953-nji ýylda çykylýar. Şondan bäri her ýyl daga dyrmaşýanlaryň sany artýar.

**Aýmelek ÝEGENMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Aprel aýynyň 29-y, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-109285
Belgisi: 17/1479
Tiražy: 4068
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# DÜNÝÄ HABARLARY
gysga setirlerde

► **Üýtgeşik «Barbie» gurjagy.** Ýelizaweta II 96 ýaşynyň dolmagy mynasybetli «Mattel» kompaniýasy Beýik Britaniýanyň Şa zenanynyň keşbinde «Barbie» gurjagyny öndürdi. Gurjagyň eşigi Ýelizaweta durmuşa çykanda toýuna geýen eşigini ýadyňa salýar. Bu gurjak Şa zenanyň doglan gününde satuwa çykaryldy.



► **Gitara auksiona çykarylar.** Amerikan rok sazandasy Kurt Kobeýniň «Fender Mustang» elektrik gitarasy maý aýynda Manhettende auksiona çykarylar. Kobeýn bu gitarany 1991-nji ýylda «Nirwana» toparyna dünýäde meşhurlyk getiren «Teen Spirit» atly şekilli aýdymynda çalypdy. 1969-njy ýylda çykan bu guralyň bahasy 60-80 müň dollar aralygynda bolar.



► **Eksportuny dikeltdi.** Hindistan Russiýa Federasiýasyna çaý, tüwi, miwe, kofe we deňiz önümleri ýaly azyk harytlarynyň eksportuny dikeltdi, bu harytlar ýüklenen konteýnerler rus import edijilerine ugradyldy. Häzir söwda tölegleri rupiýada we rus rublunda amala aşyrylýar, käbir banklar şeýle işleri ýewroda ýerine ýetirýärler.



► **Iş orunlaryny kemeltmez.** Germaniýanyň BMW awtoulag kompaniýasy adaty ulaglaryndan elektrik ulaglarynyň önümçiligine geçende, iş orunlaryny azaltmakçy däl. Bu barada kompaniýanyň başlygy Oliwer Sipse metbugat beýanatynda habar berdi.



► **Tokioda jaýlaryň bahasy ýokarlandy.** Tokioda we onuň eteklerinde ýaşaýyş jaýlarynyň bahasy 503 müň dollara çenli ýokarlandy. Bu barada ýurtdaky Gozgalmaýan emläkleriň ykdysadyýeti instituty habar berdi. Tokionyň merkezinde bolsa jaýlaryň bahasy 668 müň dollara çenli artyp, taryhda iň ýokary görkezijidir.



► **«Titanik»-den galan ýyldyz.** Angliýanyň «Henry» auksion öýi «Titanik» gämisi bilen baglanyşykly ýyldyzjygy satuwa çykarar. Bu ýyldyzjygy gäminiň bir işgäri «Titanik»-iň batan gijesi Roberta Maýonä sowgat beren eken. Ýyldyzjyk halas bolan zenan aradan çykýança – 1963-nji ýyla çenli maşgalasynda saklandy. Indi oňa 28 müň ýewro nyrh kesilýär.



► **Hindistandan satyn alar.** Müsür bugdaý satyn almagy meýilleşdirýän döwletleriniň sanawyna Hindistany goşdy. Bu çäre möhüm azyk hökmünde bugdaýyň importunyň täze çeşmelerini gözlemek babatda hökümetiň esasy aladalarynyň çäklerinde amala aşyrylýar. Müsür her ýyl daşary ýurtlardan 11-13 million tonna däne satyn alýar.



► **15,5 müň dollara satylan çaý.** Ýaponiýanyň Sidzuoka prefekturasynda geçirilen auksionda täze ekinden ýygnalan bir kilogram gök çaý 1,96 million ýene (15,5 müň dollar) satyldy. Çaý Fujinomiýanyň golaýynda ösdürilip ýetişdirildi. Sidzuokada çaý öndürijiler täze hasyldan alnan ýapon çaýynyň auksionyny her ýyl guraýarlar.



► **Altyn tapan güjük.** 51 ýaşly britaniýaly Adam Klarkyň dokuz ýaşly gyzyna sowgat beren güjügi ilkinji gezelençde birden saklanyp, ýeri peşemäge başlaýar. Görlüp oturylsa, ol XIX asyrdan galan 15 altyn teňňäni ysyrganyp duýan eken. Hünärmenler güjügiň tapan altynlaryna 5,9 müň funt baha kesdiler.



## TARYHDA ŞU GÜN

■ **1770-nji ýylyň 29-njy aprelinde kapitan Jeýms Kuk «Endeavor» gämisi bilen ikinji ekspedisiýasynda Awstraliýanyň gündogar kenarlaryndaky amatly we howpsuz aýlaga gelip düşdi. Aýlag «Botanika aýlagy» diýlip atlandyryldy. 1788-nji ýylda bu ýerden 8 kilometr demirgazykda Sidneý şäheri esaslandyrylýar.**



# AZIÝA-ÝUWAŞ UMMAN SUW SAMMITI GEÇIRILDI

23-24-nji aprelde Ýaponiýanyň Kumamoto şäherinde 4-nji Aziýa-Ýuwaş umman Suw sammiti geçirildi. Aziýa-Ýuwaş umman suw forumy 2006-njy ýylda Ýaponiýanyň öňki Premýer-ministri Rýutaro Hasimotonyň başlangyjy bilen suw serişdeleriniň durnukly ulanylmagyna ýardam bermek maksady bilen esaslandyryldy. Ilatyň arassa agyz suwuna elýeterliligini gowulandyrmak, suw infrastrukturasyny kämilleşdirmek, howdanlary abatlamak we beýlekiler forumyň esasy ileri tutýan ugurlary bolup durýar. Sammite Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň 49 ýurdundan döwlet we hökümet Baştutanlary, degişli ministrlikleriň ýolbaşçylary, hususy pudagyň we iri halkara guramalarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Bu ýylky sammitiň mowzugy «Durnukly ösüş üçin suw: Geljekki nesiller üçin iň oňat tejribe». Bu çäre sebitiň suw howpsuzlygyny üpjün etmegiň zerurlygyny we ilatyň agyz suwuna bolan islegini nazara alyp, tejribe alyşmak, suw serişdelerini ulanmak we paýlamak bilen baglanyşykly möhüm meseleleri ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen guraldy. Sammite Aziýa-Ýuwaş umman Suw sammitiniň bilelikdäki ýerine ýetiriji komitetiniň başlygy, Aziýa-Ýuwaş umman suw forumynyň we Ýaponiýa suw forumynyň prezidenti Ýoşiru Mori ýolbaşçylyk etdi.

2004-nji ýylda döredilen Aziýa-Ýuwaş umman Suw sammiti, Aziýa-Ýuwaş umman suw forumynyň müdiriýetiniň wezipelerini ýerine ýetirýär. Global suw meseleleri boýunça barlaglary geçirmek, teklipleri taýýarlamak hem-de suwy tygşytly ulanmak bilen baglanyşykly Ýaponiýada toplanan nou-haular we tehnologiýalar bilen tanyşmaga höweslendirmek, Ýaponiýada we beýleki ýurtlarda suw serişdeleri bilen gyzyklanýan taraplaryň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmek forumyň esasy wezipeleridir. Ýaponiýa suw forumynyň korporatiw agzalary 85 sany öňdebaryjy ýapon kompaniýasydyr. Forum suw pudagyna maýa goýumlaryny çekmek we bu ugurda sebitleýin hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin birleşdiriji platforma bolup durýar.









Gibrid formatda geçirilen sammitiň açylyşynda Ýaponiýanyň Imperatory Naruhito suw serişdelerinden tygşytly peýdalanmagyň mehanizmlerini ösdürmekde ýurduň tejribesi barada gürrüň berdi we bu ugurda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmekde Ýaponiýanyň ileri tutulýan ugurlaryny beýan etdi.

Sammitiň dowamynda Ýaponiýanyň Premýer-ministri Fumio Kisida çykyş etdi. Ol soňky ýyllarda dünýäniň dürli künjeklerinde suw bilen baglanyşykly hadysalaryň ýygy-ýygydan ýüze çykýandygyny belläp, Aziýa-Ýuwaş umman sebitine suw bilen baglanyşykly meselelerde kömek bermek başlangyjyny beýan etdi. Ol sebite ýakyn bäş ýylda, takmynan, 500 milliard ýen ýa-da 4 milliard dollar töweregi kömek berjekdigini aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýaponiýanyň Premýer-ministri Fumio Kisidanyň çagyrmagy boýunça sanly ulgam arkaly dördünji Aziýa-Ýuwaş umman Suw sammitine (APWS) gatnaşdy.

Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, Aziýa-Ýuwaş umman sebiti häzirki döwürde ähli umumy ösüşiň we ilerlemegiň iň kuwwatly sebitleriniň biri hökmünde çykyş edýär. Şoňa görä-de, degişlilikde, sebitiň döwletleriniň üstüne uly jogapkärçilik düşýär. Bu döwletleriň dünýäniň suw serişdelerini gorap saklamak hem-de peýdalanmak meselesine çemeleşmeleri umumy halkara durnuklylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmegiň aýrylmaz bölegi hökmünde garaýar. Milli, sebit derejesinde durmuş-ykdysady taslamalar hem-de maksatnamalar amala aşyrylanda, bähbitleriň köptaraplaýyn hasaba alynmagyna, oýlanyşykly deňeçerlige we zelelleri azaltmaga esaslanýar.

Maslahatyň ahyrynda, sammite gatnaşýan ýurtlaryň wekiliýetleriniň ýolbaşçylarynyň ýygnaklary we işewürlik maksatnamasyna goşulan beýleki çäreler geçirildi. Sammitde jemgyýeti özgertmek we durmuşyň hilini ýokarlandyrmak, maýa goýumlaryny artdyrmak we adam potensialyny ýokarlandyrmak ugrundaky tagallalary goldamak, şeýle hem, sebitleýin hyzmatdaşlygy giňeltmek we sammite gatnaşýan ýurtlarda bolup geçýän suw meselelerini çözmek üçin köptaraplaýyn özara gatnaşyklaryň gurallaryny mobilizlemek maksady bilen anyk teklipleri öz içine alýan «Kumamoto Jarnamasy» kabul edildi.

Jarnamada sebitdäki ýurtlaryň ylmy we tehniki jemgyýetçiligi suw meselelerini çözmek maksady bilen howa, geografik we milli şertleri nazara alyp, suw hojalygy pudagyndaky innowasiýalary işläp düzmek we durmuşa geçirmek boýunça tagallalara goşulmaga çagyrylýar.

Iki gün dowam eden çäräniň dowamynda dokuz sany parallel tematiki sessiýa, bölüm sergileri we dört toplumlaýyn sessiýa geçirildi.

# Makron ýeňiş gazandy

Fransiýanyň häzirki Prezidenti Emmanuel Makron, Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda sesleriň 100%-i sanalandan soň 58,55% sese eýe boldy. Degişli maglumatlar Fransiýanyň içeri işler ministrligi tarapyndan 25-nji aprelde mälim edildi. Makronyň bäsdeşi, sagçy «Milli bileleşik» partiýasynyň lideri Marin Le Pen bolsa, 41,45% sese eýe boldy. Ol bu netijäni partiýasy üçin taryhy üstünlik hasaplap, ýurduň raýatlarynyň öňündäki borçlaryny birkemsiz ýerine ýetirmegi dowam etdirjekdigini aýtdy. Hususan-da, Le Pen özüniň syýasy hereketiniň parlament saýlawlarynda çynlakaý göreşe başlajakdygyny tassyklady.

24-nji aprelde geçirilen saýlawlaryň ikinji tapgyrynda ses bermäge gatnaşanlar 71,99%-e deň boldy. Fransiýanyň Prezidenti bäş ýyl möhlet bilen saýlanýar. Ýurtda 49 million töweregi saýlawçy bar. Saýlawlaryň birinji tapgyry 10-njy aprelde geçirilip, oňa 12 dalaşgär gatnaşdy. Bu saýlawlaryň birinji tapgyrynda häzirki Prezident Emmanuel Makron 27,84% ses bilen öňdeligi eýeläp, onuň dalaşgärligini ýurduň 9,785,578 raýaty goldady. Sagçy «Milli bileleşik» partiýasynyň dalaşgäri Marin Le Pen bolsa, 23,15% ses bilen ikinji orny eýeläp, 8,136,369 saýlawçynyň goldawyna eýe boldy. Şeýle hem, Prezident wezipesine «Ýanbermez Fransiýa» partiýasynyň başlygy Žan-Lýuk Melanşon (21,95%), «Reconquest» partiýasynyň esaslandyryjysy Erik Zemmur (7,07%) we «Respublikaçylar» partiýasynyň dalaşgäri Waleri Pekress (4,78%) dalaş etdiler.



Şeýlelikde, Makron ýene bäş ýyl möhlet bilen Fransiýanyň Prezidenti wezipesinde galýar. Bu onuň ikinji prezidentlik möhletidir. Ondan öň Makron 2017-nji ýylyň maý aýynda geçirilen Prezident saýlawynda ýeňiş gazanyp, Fransua Ollandyň ýerine gelipdi. Häzirki bäsdeşler 2017-nji ýylda hem ikinji tapgyrda bäsleşipdiler, ýöne Le Pen Makrondan asgyn gelipdi.

Günbatar Ýewropada ýerleşýän bu ýurduň ilaty häzirki wagtda 66 milliondan geçýär.

# «ERKINLIK» ÖŇE SAÝLANDY

24-nji aprelde Sloweniýada geçirilen parlament saýlawlarynda Robert Golobyň ýolbaşçylygyndaky çepçi «Erkinlik hereketi» partiýasy ýeňiş gazandy. Sesler doly sanalandan soňra, «Erkinlik» partiýasynyň häkimiýet başyndaky konserwatiw «Sloweniýanyň demokratik partiýasyndan» öňe saýlanandygy belli boldy.



Respublikanyň döwlet saýlaw komissiýasynyň maglumatlaryna görä, «Erkinlik hereketi» partiýasy sesleriň 34,54%-ine eýe boldy. Ikinji orny 23,53% ses bilen Premýer-ministr Ýanez Ýanşanyň ýolbaşçylygyndaky «Sloweniýanyň demokratik partiýasy», üçünji orny 6,85% ses bilen Mateý Toniniň «Täze Sloweniýa – Hristian demokratlary» partiýasy eýeledi. Tani Faýonyň «Sosial demokratlar» partiýasy 6,65% ses bilen dördünji orunda, Luki Mesesiň «Çepçiler» partiýasy 4,38% ses bilen bäşinji orunda gelýär. Beýleki partiýalar parlamente girmek üçin zerur sesleriň 4%-ini alyp bilmediler.

Şeýlelik bilen, Robert Golobyň partiýasy döwlet mejlisindäki 90 orundan 41 orna (Respublikanyň mejlisiniň aşaky palatasy), Ýanşanyň partiýasy 27 orna, Toniniň syýasy güýji 8 orna, Faýonyň partiýasy 7 orna, Luki Mesesiň partiýasy 5 orna eýe boldy. Galan iki orun italýan we wenger milli jemgyýetleriniň ýaşaýan ýörite sebitlerine degişli bolup, olaryň eýeleri sesleriň köplügi bilen kesgitlenýär. Sloweniýa Respublikasy Günorta Ýewropadaky bir döwlet bolup, 2 milliondan gowrak ilaty bar.

# ITALIÝADA ILKINJI ÝEL ELEKTRIK BEKEDI

Italiýa Ortaýer deňzi sebitinde ilkinji deňiz ýel elektrik stansiýasyny resmi taýdan işe girizdi. Italiýanyň günortasyndaky Taranto portunda geçirilen dabaranyň elektrik toruna birikdirilen «Beleolico» taslamasynyň turbinalaryny hytaý kompaniýasy gurnady. «Beleolico» taslamasynda umumy kuwwaty 30 MWt bolan 10 sany turbina bar. Hytaý enjamlaryny üpjün ediji «Ming Yang Smart Energy Group Ltd.» kompaniýasynyň maglumatlaryna görä, bu ýel elektrik stansiýasy ýylda 200 müň töweregi hojalygy energiýa bilen üpjün edip biler.

Italiýanyň daşary işler ministri Italiýanyň täzelenip bilýän energiýa çeşmeleriniň ornaşdyrylmagyny çaltlandyrmak we milli energiýa balansyndaky paýyny artdyrmak isleýändigini aýtdy.

– Deňiz energiýasy, Italiýa ýaly iri kenarýaka sebitleri bolan ýurtlar üçin ykdysady mümkinçilikleri döredip, ýaşyl ykdysadyýete geçmek prosesine kömek edip biler. Şeýle-de, mawy ykdysadyýet bilen gyzyklanýan taraplaryň arasynda ýerli gymmatlyklar zynjyrynyň ösmegine ýardam berer – diýip, Luiji Di Maýo belledi.



Hytaýyň «Ming Yang Smart Energy Group Ltd.» kompaniýasynyň wise-prezidenti Wang Lihe, bu taslamanyň Hytaý we Ýewropa kompaniýalarynyň arasynda deňizdäki ýel tehnologiýasy we tejribe alyş-çalşyny güýçlendirendigini we arassa energiýanyň ösmegine hem-de howanyň üýtgemegine garşy göreşmek üçin halkara hyzmatdaşlygyny ösdürýändigini aýtdy.

# Ýarym geçirijiler pudagynyň girdejisi ýokarlandy

Maglumat tehnologiýasy bazarlarynda ýöriteleşdirilen ylmy-barlag kompaniýasy «Gartner»-iň bilermenleri global ýarym geçirijiler pudagynyň 2021-nji ýyldaky maliýe netijeleri barada hasabaty mälim etdiler. Bazara gatnaşyjylaryň umumy girdejisi bir ýylda 26,3% ýokarlanyp, 595 milliard dollara ýetdi. Global çip ýetmezçiligi, 5G smartfonlarynyň sanynyň artmagy hem-de çig malyň we logistika hyzmatlarynyň gymmatlamagy ýarym geçiriji önümleriniň ortaça bahasynyň ýokarlanmagyna sebäp bolup, girdejileriň artmagyny üpjün etdi.

2018-nji ýyldan bäri ilkinji gezek «Samsung Electronics» kompaniýasy «Intel»-den birinji orny almagyň hötdesinden geldi. Koreýanyň öndürijisi görkezijisini 28% gowulandyrdy, emma amerikan ägirdiniň girdejisi geçen ýyl 0,3% azaldy. Öndürijileriň ilkinji onlugyndan ýylyň jemi boýunça iň gowy ösüşi AMD bilen «MediaTek» görkezdi. Olaryň girdejisi degişlilikde, 68,6% we 60,2% ýokarlandy.

Hytaýyň «HiSilicon» kompaniýasynyň girdejisi 81% bolup, 2020-nji ýyldaky 8,2 milliard dollardan 2021-nji ýylda 1,5 milliard dollara çenli azaldy. «HiSilicon»-yň yzy bilen Hytaýyň global ýarym geçirijiler bazaryndaky paýy 2020-nji ýyldaky 6,7%-den 2021-nji ýylda 6,5%-e çenli azaldy. Koreýa Respublikasy bolsa, geçen ýyl özüniň global bazardaky paýyny 19,3% ýokarlandyrdy.

Awtoulag we senagat komponentleri bazarlary tutuş pudak üçin ösüşiň esasy hereketlendirijisi bolup, güýçli oňyn depginleri görkezdi. Awtomobil bölekleriniň bazary 34,9% ýokarlandy. Ösüş boýunça ikinji orny 24,6% ýokarlanan simsiz aragatnaşyk bazary eýeleýär. Eger 2020-nji ýylda 251 million 5G smartfony öndürilen bolsa, 2021-nji ýylda olaryň sany 556 milliona deň boldy.



Global bazaryň ösüşiniň ýene bir şerti ýadyň önümçiligi boldy, bu segment ýarym geçirijileriň satuwynyň 27,9%-ini üpjün edip, girdejini 33,2% ýokarlandyrdy. Bu ýerde personal kompýuterlere we ultramobil gurluşlaryna hem-de «bulut» üpjün edijileriniň enjamlary üçin böleklere islegi ýokarlandyran uzak aralykdan iş, şeýle-de iş bilen okuwyň gibrid görnüşi kesgitleýji häsiýete eýe boldy.

# Uly adron kollaýderi işe girizildi

Ylmy barlaglar boýunça Ýewropa guramasynyň uly adron kollaýderi (LHC) üç ýyllyk arakesmeden soň täzeden işe girizildi. Bu döwürde dünýäniň iň uly synag desgasynda çuňňur abatlaýyş işleri geçirildi. Netijede, elementar bölejikleriň çaknyşma energiýasyny ýokarlandyrmak, şeýle hem meýilleşdirilen synaglaryň dowamynda has köp maglumat ýygnamaga ýardam berjek täze bölejikleriň detektorlaryny we beýleki enjamlaryny oturtmak mümkin boldy.

Uly adron kollaýderi Higgsiň bozonyny gözlemek we fizikanyň standart modelini gutarnykly barlamak maksady bilen 2008-nji ýylda guruldy. Fransiýada we Şweýsariýada ýerasty tunnelde ýerleşýän gurnamanyň uzynlygy 27 kilometre ýetýär. Gurluşyk we barlag işlerine ýüzden gowrak ýurtdan on müňden gowrak alym we inžener gatnaşdy.

Ylmy barlaglar boýunça Ýewropa guramasynyň maglumatlaryna görä, geçen üç ýylyň içinde mikrodünýäni barlamak üçin niýetlenen bu desgada kämilleşdirme işleri geçirildi. Ylaýta-da, uly adron kollaýderiniň arasynda ornaşdyrylan 10 müňden gowrak birikmeleriň aşa geçiriji kabelleriniň täsirliligi we netijeliligi artdyryldy. Kollaýderiň ugrunda oturdylan magnitler içinden aýlanýan proton toplumlarynyň badyny artdyrýar. Alymlar çaknyşan bölejikleriň netijelerini öwrenip, materiýanyň syrlaryna aralaşýarlar hem-de bu ugurda ýokary netijeleri gazanýarlar.



Geçen ýyllarda Ylmy barlaglar boýunça Ýewropa guramasynyň fizikleri Higgsiň bozonynyň bölejikleriniň ýüze çykarylandygyny mälim edipdiler. Ýöne ol heniz fizika nazaryýetiniň «Standart modelinde» bölejik hökmünde ýüze çykarylmady. Fizikleriň pikirine görä, 13,7 milliard ýyl mundan ozal älemiň esasyny goýan Uly partlaýyşdan soňra emele gelen Higgsiň bozony galaktikalaryň, ýyldyzlaryň we planetalaryň döremegine sebäp bolupdyr.

Doly subut edilen halatynda iňlis fizigi Piter Higgsiň 1964-nji ýylda öňünden çaklan bölejikleri soňky ýarym asyrda iň uly ylmy açyşlaryň biri bolardy. Ýöne birdenkä Higgsiň bozonynyň bardygy tassyklanmadyk halatynda, emele gelen ýagdaý alymlary alasarmyk ýagdaýda goýup biler. Şunuň ýaly ýagdaýda fizikanyň täze eýýamy başlanyp, alymlar ähli bölejikleriň nusgalaryny täzeden gurmaly bolarlar.

Bu elementar bölejikleriň ölçeginiň takyklygyny has-da artdyrmak üçin alymlar olary has ýokary energiýada çaknyşdyrmagy maksat edinýärler.

Häzirki wagtda Şweýsariýanyň we Fransiýanyň araçäginde 150 metr çuňlukda ýerleşýän kollaýderde ähli zerur abatlaýyş işleri geçirilip, indi ol iň ýokary energiýada hereket eder we proton toplumjyklarynyň bady has-da artdyrylar.

# DAŞDAN KAGYZ ÖNDÜRILER

**Russiýada daşdan kitap, ofis kagyzlaryny öndürmek boýunça taslama işlenip düzülýär. Bu barada taslamanyň awtory, ykdysatçy Alekseý Ýelsukow habar berdi. Bu ýerde agaç sellýulozasyndan alynýan adaty kagyzlar bilen bir hatarda, hek daşyndan we polimerden alynjak daş kagyzyň önümçiligine girişmek teklip edilýär.**

**– Hek daşyndan ofis, kitap, gazet-žurnal hem-de gaplaýyş işleri üçin niýetlenen galyň kagyzlary öndürip bolýar. Eger-de ýurtda köpçülikleýin önümçilik ýola goýlan halatynda, onuň bahasy adaty kagyz bilen deňeşdirilende deň, hatda arzan hem bolar – diýip, Ýelsukow belledi. Onuň aýtmagyna görä, häzirki wagtda Ýaponiýada daşdan kagyz öndürilýär. Bu ugurda hek daşynyň köp duş gelýän ýeri bolan Özbegistanda hem uly ösüşler göze ilýär, Türkiýe hem şuňa meňzeş taslamalar barada habar berdi.**

**– Russiýada hek daşynyň ummasyz ätiýaçlyklary bar. Şeýle kagyzlary agartmagyň zerurlygy bolman, çyglylyga hem has çydamly. Olary çap etmegiň ähli görnüşleri üçin ulanyp bolýar. Mundan başga-da, ekologiýa taýdan arassa bolan bu kagyzlar çüýremäge ukyply – diýip, başlangyjyň awtory nygtady.**



**Bu taslama Strategik başlangyçlar gullugy hem-de «Roskongress» gaznasy tarapyndan şu tomusda Moskwada guraljak «Täze döwür üçin güýçli pikirler» forumynda hödürlener.**

# Kim, haçan oýlap tapdy?

**TELESKOP.** Adamlar irki döwürlerden bäri asman giňişligi bilen ýakyndan gyzyklanypdyrlar. Her gün dogup-batýan Güni, gijesine görnüp, gündiz gaýyp bolýan ýyldyzlary we Aýy öwrenmek üçin tagalla edipdirler. Entek asman jisimlerini ýakyndan görmäge mümkinçilik berýän teleskoplar peýda bolmanka, adamlar asmanda haýsy ýyldyzyň haýsy ýerde ýerleşýändigini, haýsy ýyldyzyň haçan peýda bolýandygyny, ýyldyza seretmek arkaly ileri-gaýrany kesgitläp bilipdirler. Uzakdaky zatlary ýakynladyp görkezýän teleskoplaryň peýda bolmagy Gün, Aý we ýyldyzlardan başga-da asman jisimleriniň hem bardygyny anyklamaga şert döredipdir. Eýsem, bu enjamlar haçan oýlanyp tapyldyka?

Häzirki wagtda optiki teleskoplar iň ýaýran teleskop görnüşi hasaplanýar. Bu enjamlar uzakdaky asman jisimlerinden gelýän şöhleleri toplap, şol jisimleri ulaldyp görkezýär. Emma radiotolkunlary, ultramelewşe, infragyzyl şöhleleri ýaly adamyň gözüniň saýgarmaýan beýleki yşyk görnüşlerinden peýdalanyp, asman jisimlerini anyklamaga ýardam edýän teleskoplar bolýar.

Beýleki oýlap tapyşlar ýaly teleskoplar hem dürli ýyllaryň dowamynda kämilleşdirilipdir. Şol sebäpli teleskopy ilkinji oýlap tapan hökmünde belli bir adamy atlandyrmak kyn. Şeýle-de bolsa, teleskop oýlap tapandygy üçin ilkinji gezek patent almaga ýüz tutan niderlandly Hans Lippersgeýiň hasaplanýar. Lippersgeýiň 1608-nji ýylda biri daşyna, beýlekisi içine tarap güberçekli iki sany linzanyň bir trubkanyň içine ýerleşdirilen enjamyny oýlap tapýar. Ol äýnek ýasamak bilen meşgullanýan eken. Köp adamlar Lippersgeýiň oýlap tapan bu enjamyny ilkinji teleskop diýip hasaplaýar. Onuň ilkinji oýlap tapan teleskopy jisimleri üç esse ulaldyp görkezýän eken. Ol bu enjamyny kämilleşdirip, köp sargyt alýar.

Teleskop ýasamak bilen meşgullananlaryň ýene biri meşhur italýan astronomy Galileo Galileý hasaplanýar. Ol 1609-njy ýylda Lippersgeýiň teleskopyny has-da kämilleşdirip, ony asman jisimlerini öwrenmek üçin ulanan ilkinji adam bolýar. Galileý 30 esse ulaldyp görkezýän teleskopy bilen Aýyň ýüzündäki kraterleri ýakyndan görýär. Şeýle hem Ýupiteriň dört sany hemrasyny we Saturnyň halkalaryny açýar. Şeýle-de, bize görünýänden has köp ýyldyzyň bardygyny we Ýeriň Günüň daşynda belli orbitada aýlanýandygyny anyklaýar.

Germaniýaly astronom Iogan Kepler 1630-njy ýylda iki linzaly has dury görkezýän teleskopy döredýär.

1700-nji ýyllara çenli öndürilen teleskoplaryň ählisinde şekiliň gyrasy bulanyk görünýän eken. Bu bulanyk reňkli çyzyklar dürli reňkdäki şöhleler linzadan geçenlerinde başgaça döwülmegi sebäpli ýüze çykýan eken. Isaak Nýuton deň derejede döwülmeýän bu şöhleleri toplamak üçin aýnaly teleskop ýasaýar. Häzirki wagtda ulanylýan teleskoplaryň hemmesi diýen ýaly aýnaly teleskoplardyr.

**Jennet BABAÝEWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Gurbannazar Ezizow adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*





# Biler bolsaňyz

- 1781-nji ýylda Germaniýada ýaşaýan iňlis astronomy Wilýam Herşel Uran planetasyny oýlap tapýar. Herşel 1789-njy ýylda diametri 1,2 metr bolan şol wagtyň iň uly teleskopyny ýasaýar. Teleskopyň aýnasy näçe uly bolsa, şonça köp şöhläni toplaýar we jisimleri has dury görüp bolýar.
- Häzirki wagtda iň uly aýnaly (10,4 metr) teleskop Ispaniýanyň Kanar adalaryndaky «Gran Telescopio Canarias» teleskopy hasaplanýar.
- 1923-nji ýylda nemes inženeri German Obert kosmos giňişligine teleskop ýerleşdirmek arkaly kosmos giňişligi barada has köp maglumat toplap boljakdygy baradaky pikiri orta atýar. Obertiň bu pikiri 1950-nji ýyllardan soňra durmuşa geçirilýär.
- Häzire çenli ululy-kiçili birnäçe kosmos teleskopy uçuryldy. Emma has uly teleskop 1990-njy ýylda uçurylýar. Ululygy we agramy awtobusa barabar bolan Habbl atly bu teleskopyň aýnasynyň diametri 2,4 metre deň. Bu teleskop Ýerden 550 kilometr uzakda öz orbitasynda sekuntda 8 kilometr tizlik bilen hereket edýär. Bu kosmos enjamy planetamyzyň daşyndaky aýlawyny 1,5 sagatda tamamlaýar.
- 2009-njy ýylda «Kepler» atly kosmos teleskopy uçurylýar. Bu teleskop ýyldyzlaryň daşyndaky planetalary öwrenmek üçin niýetlenendir. 2018-nji ýyla çenli ulanylan bu kosmos enjamy arkaly jemi 2 müň 600 planetanyň üsti açylýar.
- 2021-nji ýylyň 25-nji dekabrynda Jeýms Webb teleskopy uçurylýar. Bu teleskopyň aýnasynyň diametri Habblyňkydan üç esse uly. Şeýlelikde, bu enjam has uzakdaky planetalary öwrenmäge mümkinçilik berýär.
- Gawaide Mauna-Keý dagynyň gerişlerindäki Keka obserwatoriýasy deňiz derejesinden iň beýikde ýerleşýän teleskop hasaplanýar. Bu ýerde iki teleskop bolup, deňiz derejesinden 4145 metr belentlikde ýerleşýär.



# Ýeralmanyň reňki nähili?

Ýeralma dünýäniň dürli ýerlerinde diýen ýaly iň köp sarp edilýän iýmitleriň biri hasaplanýar. Beýlekilerden tapawutlylykda bu bakja ekininiň has köp görnüşi bar. Bu görnüşler iýmitlik maksady bilen nahar taýýarlamak, ýagda gyzdyrmak, bugda bişirmek we senagatda ulanmak ýaly esasy dört ugurda peýdalanylýar. Ýer ýüzünde ýeralmanyň bäş ýüzden gowrak görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Ýeralma ertirlikde, günortanlyk we agşam naharynda, taýýar iýmitlerde giňden peýdalanylýar. Ine, olaryň käbir görnüşleri:

- **Gyzyl ýeralma.** Peru ýeralmanyň köp görnüşiniň ösdürilip ýetişdirilýän ýurtlarynyň biri hasaplanýar. Bu ýurtda ýetişýän gyzylymtyl reňkli ýeralma süýji tagamy bilen tapawutlanýar. Şol sebäpli bu ýeralma püre taýýarlananda has köp ulanylýar. Şeýle-de bolsa, ondan islendik tagamy taýýarlap bolýar. Bu ýeralmanyň gabygy galyňrak bolýar. Onuň reňki ösdürilip ýetişdirilýän topragynyň düzümi bilen baglanyşdyrylýar. Bu ýeralmanyň düzüminde adaty ýeralmada bolşy ýaly köp mukdarda krahmal saklanýar.
- **Melewşe ýeralma.** Bu görnüş Filippinlerde we Indoneziýada ösdürilip ýetişdirilýär. Süýjümtik tagamy bolan bu ekin bedeni zyýanly maddalardan arassalaýar. Melewşe ýeralma diňe iýmit däl, eýsem, ys we reňk beriji hökmünde hem peýdalanylýar.
- **Sary ýeralma.** Sary ýeralmanyň has köp görnüşi bolýar. Sary ýeralmanyň iýmitlik kuwwaty ýokary bolýar.
- **Ak ýeralma.** Bu ýeralmalar köplenç çips öndürmekde ulanylýar. Bu ekin, esasan, Niderlandlarda ösdürilip ýetişdirilýär.
- **Daşy gyzyl, içi sary.** Orta ululykda bolýan gyzyl reňkli bu ýeralma kesilende içi sary bolýar.



**3 çöpüň ýerini üýtgedip, 5 kwadraty emele getiriň!**

## Labirint



## San diňi




## Sudoku

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | 2 | | 6 | |
| | 4 | 1 | 5 | | 3 |
| | 1 | 6 | 3 | | |
| 3 | 5 | 4 | 6 | | 2 |
| | | 3 | 4 | | |
| | | 5 | | | |




Agaç, akyl, lira, tire, asla, goza, kipr, atom, Aýnur, linza, Aýgül, mekge, arkaç gamak, abuna, Ahmet, diwana, zagara, ikindi, Ottawa, mahmal, ençeme, awgust, elinde, parahat, atgulak, Aşgabat, geçiguş, kadasyz, hereket, gelneje, içigara, krahmal, aýakgap, intizar, kebelek, benewşe, bugaran, Merkuriý, badamjan.

## SÖZ GOÝMAK

**Gözel JUMAÝEWA,** *Daşoguz şäherindäki 11-nji orta mekdebiň mugallymy.*



**DIKLIGINE:** **1.** Hasapsyz, hasap-hesipsiz. **2.** Diliň düzümine girýän sözleriň jemi. **3.** Bugdaý, arpa we ş.m. ekinlerden alynýan hasyl. **5.** Gyzgynlygyň we ş.m. ölçeg birligi. **6.** Aýlaryň biri. **7.** Nesilden-nesle geçýän mal, mülk, baýlyk. **8.** Don, içmek ýaly geýimleriň daş ýa-da iç ýakasyna, gyrasyna, etegine owadanlyk üçin tutulýan insizje mata. **9.** Öwgi, taryp. **14.** Gymmatbaha daş. **15.** Gurluşykda ulanylýan toprak. **18.** Türkmen halk dessanlarynyň biri. **19.** Ünssüz. **21.** Demirgazyk Amerikada bir derýa. **22.** «Aglanyň ... eňrän çykar» (nakyl). **23.** Her bir ýagdaýda goldaw berip durýan ýakyn hossar. **24.** Gyza dakylýan at. **25.** Dokma guraly. **27.** Nowhana gazylanda, laý zyňmak üçin ýabyň raýyşynyň iç ýüzünden edilýän kert. **28.** Bir zada bolan ynamly garaýyş. **34.** Miwe. **35.** Çörek önümi. **36.** Rugsat, razylyk. **37.** Tozan gatyşykly turýan güýçli ýel. **39.** «Öz ryzkyna hiç ... etmeýen, gözün diker, kişi aşyna zar bolar» (Magtymguly). **40.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **42.** Gadyr-.... **43.** Papua–Täze Gwineýadaky wulkan. **45.** Aw guraly. **46.** Oglana dakylýan at.

**KESELIGINE:** **4.** Türkiýäniň bir şäheri. **10.** Çeper geplemegi başarýan, gepegürrüňe ökde. **11.** Hiç tarapa goşulmaýan. **12.** Kanadaly meşhur aýdymçy, aktýor. **13.** Italiýanyň Sisiliýa sebitinde ýerleşýän port şäheri. **15.** Ygtyýar edilmeýän, ýol berilmeýän, rugsat edilmeýän. **16.** Ýyrtyjy jandar. **17.** Çüýşe gap. **19.** Bugly tutuk howa gatlagy. **20.** Al-.... **23.** Kösügi käşire meňzeş, ownuk ýaprakly derman ösümlik. **26.** Ýokarsy çürelip duran, sommak, çüri. **29.** Örän oňat, diýseň gowy. **30.** Oglana dakylýan at. **31.** Asma, daňy. **32.** Oglana dakylýan at. **33.** «Giden – getirer, ... – nyrh sorar» (atalar sözi). **34.** Londonyň bir futbol topary. **37.** Biri bilen ugurdaş ýolagçy, ýoldaş, gürrüňdeş bolan adam. **38.** Süýt önümi. **41.** Gün ýaşyp, garaňky gatlyşan wagty. **44.** Döwür, eýýam. **45.** Nagşyň bir görnüşi. **47.** Edilýän hezzet-hormat, meýlis, oturylyşyk. **48.** Rehim, hemaýat. **49.** Örän uly suwly giňişlik. **50.** Saçakçy. **51.** Ata dakylýan atlaryň biri. **52.** Welaýatyň ýa-da şäheriň kiçi administratiw-dolandyryş bölegi.

## 20-nji KROSSWORD

**Nurana BEGMATOWA,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

**18-nji krosswordyň jogaby:**



**19-njy krosswordyň jogaby:**





**Ýewropada tapgyryň esasy duşuşyklary:** 30-njy aprel: Nýukasl — Liwerpul (16:30), Napoli — Sassuolo (18:00), Real Madrid — Espanýol (19:15), Lids — Mançester Siti (21:30), Zenit — Lokomotiw (21:30), Trabzonspor — Antalýaspor (22:30), Atletik — Atletiko (00:00); 1-nji maý: Milan — Fiorentina (18:00), Tottenham — Lester (18:00), Ewerton — Çelsi (18:00), West Ham — Arsenal (20:30), Udineze — Inter (21:00), Marsel — Lion (23:45); 2-nji maý: Baýer — Aýntraht (23:30), Mançester Ýunaýted — Brentford (00:00).

# BIRINJI OÝUNLARDA IŇLIS KLUBLARY ÝEŇIŞ GAZANDY





UEFA Çempionlar Ligasynda ýarym finalyň birinji oýunlary oýnalyp, iňlis klublary öz meýdançalarynda ispan toparlaryndan üstün çykmagy başardy.

UEFA Çempionlar Ligasynda sişenbe günki ýarym final oýnunda janköýerler taryhy duşuşygyň şaýady boldular. Mançester şäherindäki «Etihad» stadionynda oýnalan oýunda 7 gol derwezä girizildi. Öz meýdançasynda «Real Madridi» kabul eden «Mançester Siti» eýýäm 2-nji minutda, has takygy 94-nji sekuntda Kewin De Bruýneniň goly bilen hasaby açdy. Bu gol ýarym final oýunlaryndaky iň çalt gol hökmünde hasaba alyndy. 11-nji minutda bu gezek Gabriel Žesus tapawutlandy. 33-nji minutda Karim Benzema Mendiniň beren pasynda topy gelşine urup, madridlileri umytlandyrdy.

Duşuşygyň 2-nji ýarymynda, has takygy, 53-nji minutda «Mançester Siti» Fil Fodeniň goly bilen aratapawudy ýene-de 2 g o - la çykardy. Ýöne myhmanlaryň jogaby gijikmedi. 55-nji minutda owadan hereketler bilen Fernandinionyň deňinden geçen Winisius Junior meýdançanyň orta gürpünden alyp gaýdan topuny «Sitiniň» derwezesinden girizmegi başardy. 75-nji minutda Bernardo Silwanyň owadan goly bilen aratapawut ýene-de 2 gola çyksa-da, Benzema 82-nji minutda meşhur «Panenka urgusy» bilen penaltini dürs ýerine ýetirip, aratapawudy 1 gola düşürdi. Şeýlelikde, «Mançester Siti» 3 gezek aratapawudy 2 gola çykarsa-da, goragçylarynyň pes netije görkezendigine garamazdan, «Real Madrid» her sapar jogap bermegi başardy. Duşuşykda 2 gol geçiren Karim Benzemanyň şu möwsümdäki gollarynyň sany 14-e ýetip, ol Robert Lewandowskiden öňe saýlandy. Pep Guardiola bolsa karýerasynda 12-nji gezek «Realy» ýeňmegi başardy.



Jogap duşuşygy 3-nji maýda Ispaniýada oýnalar.

### IKI MINUTDA ÝEŇIŞ GAZANDY

● Ýarym finalyň beýleki duşuşygynda-da iňlis kluby ýeňiş gazanyp, «Liwerpul» öz meýdançasynda «Wilýarrealdan» 2-0 üstün çykdy. Duşuşygyň birinji ýarymynda hasap açylmady. Ýer eýeleriniň 2 urgusy sütüne degdi. 2-nji ýarymda-da depgini has-da güýçlendiren «Liwerpul» 2 minutda, has takygy, 131 sekuntda 2 gol geçirmegi başardy. Ilki 53-nji minutda Hendersonyň urgusynda Perwis Estupinýan ýalňyşlyk bilen topy öz derwezesinden girizdi. Bu goldan 2 minut soň bolsa, Sadio Mane hasaby 2-0-a çykardy. Şondan soňky hüjümlerde «Liwerpula» hasaby artdyrmak başartmady. Duşuşygyň dowamynda «wilýarreally» futbolçylaryň ýeke urgusy-da takyk bolmady. Şeýlelikde, «Liwerpul» 2-0 hasabynda ýeňiş gazanyp, finala çykmak ugrunda uly mümkinçilige eýe boldy.



«Liwerpul» topary bu ýaryşda ýarym finalda şu wagta çenli ýeke gezek hem ýeňilmedi (10 ýeňiş 2 deňlik). Topar UEFA-nyň ýaryşlarynda umumylykda ýarym final oýunlarynda öz meýdançasynda 16 ýeňiş gazanyp, 3 sapar hem deňme-deň oýnady.

Iňlis klubunyň geçiren 1-nji goly olaryň Çempionlar Ligasyndaky 250-nji, umumylykda-da şu ýaryşyň çägindäki 450-nji goly hökmünde hasaba alyndy.

Jogap duşuşygy 3-nji maýda Ispaniýada oýnalar.

# «Mançester Ýunaýted» täze tälimçisini mälim etdi

«Premier Ligada» garaşylyşyndan pes netije görkezýän «Mançester Ýunaýtediň» täze tälimçisi resmi ýagdaýda mälim edildi. Ozaldan hem belli bolşy ýaly, klub häzirki wagtda «Aýaks» toparyna tälim berýän Erik Ten Hag bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşylandygy habar berildi. Tomusda tälim berip başlajak 52 ýaşly tälimçiniň öweztölegi hökmünde «Aýaksa» 2 million ýewro berler. «Go Ehed Iglz», «Bawariýa II», «Utreht» ýaly klublara tälim beren Ten Hag futbolçylyk ýyllarynyň aglabasyny «Twente», «De Graafşap», «Utreht» ýaly klublarda geçirdi.



«Aýaks» Ten Hagyň tälimçiliginde 2019-njy we 2021-nji ýyllarda çempionlyk gazanypdy. Erik Ten Hag watandaşy Luis Wan Gaaldan soň «Ýunaýtede» tälim berjek 2-nji niderland tälimçi bolar.

# «Betis» 3-nji gezek kubogy eýeledi

Ispaniýanyň Şa Kubogyna «Betis» topary mynasyp boldy. «Betis» topary Savilýa şäherindäki «La Cartuje» stadionynda oýnalan finalda «Walensiýadan» penaltileriň netijesinde üstün çykdy. 11-nji minutda «Betis» topary Borha Iglesiasyň goly bilen öňe saýlandy. Ýöne «Walensiýa» toparynyň hem jogaby gijikmedi. Duşuşygyň 30-njy minutynda «Walensiýa» topary Hugo Duronyň goly bilen jogap berdi. Bu hasap oýnuň esasy wagtynda, şol sanda goşmaça wagtda-da üýtgemedi. Ýeňijini penalti urgulary kesgitläp, 5 urgynyň ählisini-de dürs uran «Betis» topary Ispaniýanyň Şa Kubogyna mynasyp boldy. 5 penalti urgynyň birinde ýalňyşan «Walensiýa» toparyda 10-njy gezek finalda asgyn geldi.



Sewilýa şäheriniň wekili «Betis» taryhynda 3-nji gezek Ispaniýanyň Şa Kubogyna mynasyp boldy. «Betis» topary mundan ozal 1977-nji hem-de 2005-nji ýyllarda kubogy eýeläpdi.

# Karýerasyny ýeňiş bilen tamamlady

Angliýanyň paýtagty Londondaky «Wembley» stadionynda geçirilen boks agşamynda esasy tutluşyk iki iňlis boksçynyň arasynda boldy. Agyr agram derejesinde WBC-niň çempionlyk guşagy ugrundaky duşuşykda Taýson Fýuri bilen Dillian Waýt duşuşdy. Tutluşygyň 6-njy raundynyň 3 minudy dolmanka Fýuri garşydaşy Waýty nokauta iberip, ýeňiş gazanmagy başardy. Bu onuň 33-nji duşuşygyndaky 32-nji ýeňşi bolup, ol ýeňişleriniň 23-sini nokaut bilen gazandy. 33 ýaşyndaky boksçynyň karýerasynda 1 deňme-deňligi bolup, ol 2018-nji ýylda Deonteý Waýlder bilen geçiren 1-nji duşuşygyny deňlikde tamamlapdy. Şeýlelikde, bu tutluşygyň karýerasyndaky soňky duşuşyk boljakdygyny ozal habar beren Taýson Fýuri karýerasyny tamamlandygyny mälim etdi.



# Bir sözlemde...

- «Monuments» bir günlük ýol welosiped ýaryşlarynyň möwsümdäki 4-nji bäsleşigi Liež — Baston — Liež (Belgiýa) ýaryşynda belgiýaly türgenler öňe saýlanyp, 257,2 kilometr aralygy 6 sagat 12 minut 38 sekuntda geçen «Quick-Step Alpha Vinyl Team» toparyndan Remko Ewenepol 1-nji, ondan 48 sekunt gijä galan Kuinten Hermans («Intermarche–Wanty–Gobert Materiaux») bilen Wut Wan Aert («Team Jumbo–Visma») 2–3-nji ýerleri eýeledi.
- Tennis boýunça erkekleriň arasyndaky «Barselona Açyk» ýaryşynyň finalynda iki ispaniýaly tennisçi duşuşyp, Karlos Alkaras watandaşy Pablo Karreno Bustany 6:3, 6:2 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi we şu möwsümdäki 3-nji, karýerasyndaky 4-nji kubogyny gazandy.
- Belgradda geçirilen «Serbiýa Açyk» tennis ýaryşynda russiýaly Andreý Rublew ýeňiş gazanyp, ol finalda serbiýaly tennisçi, sanawyň birinji belgilisi Nowak Jokowiçi 6:2, 6:7, 6:0 hasaplar bilen ýeňdi, bu onuň möwsümdäki 3-nji, umumylykda 11-nji ATP çempionlygydyr.
- Tennis boýunça zenanlaryň arasynda Germaniýanyň Ştutgart şäherinde geçirilen «Açyk» çempionatda polşaly Iga Şwentek çempion bolup, ol finalda belarusly Aryna Sabalenkony 6:2-lik hasaplar bilen ýeňdi we şu möwsümdäki 4-nji, karýerasyndaky 7-nji kubogyny gazandy.
- Türkiýede geçirilen zenanlaryň arasynda «Istanbul Cup» tennis ýaryşynyň finalynda russiýaly tennisçiler – Anastasiýa Potapowa bilen Weronika Kudermetowa duşuşyp, olaryň birinjisi 2:0 (6:3, 6:1) ýeňiş gazandy we karýerasyndaky ilkinji kubogyny asmana göterdi.
- UEFA Ýaşlar Ligasynyň finalynda Portugaliýanyň «Benfika» topary bilen Awstriýanyň «RB Salsburg» topary duşuşyp, portugal kluby 6-0 (Henrike Arauho 15, 57, 89 p, Neto 2, Ndur 53, Semedo 69) hasabynda ýeňiş gazandy we bu ýaryşda ilkinji gezek çempion diýen ady eýeledi.
- Zenanlaryň arasynda UEFA Çempionlar Ligasynyň ýarym finalynyň 1-nji duşuşyklarynda «Barselona» öz meýdançasynda «Wolfsburgy» 5–1 (Bonmati 3, Hansen 10, Hermoso 33, Putellas 38, 85 p — Roord 70) , «Lion» bolsa PSŽ toparyny 3–2 (Renar 23 p, Makario 34, 50 — Katoto 6, Dudek 58 p) hasabynda ýeňlişe sezewar etdi (Jogap oýunlary 30-njy aprelde oýnalar).

# «RED BULLUŇ» GOŞA ÜSTÜNLIGI

Formula 1 boýunça möwsümiň 4-nji ýaryşy Italiýanyň Emilia Romano welaýatynyň Imola şäherinde geçirildi. Şäheriň adybir trassasynda geçirilen ýaryşda «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiji boldy. Ol ilkinji hatardan bat alan ýaryşynda 63 aýlawy 1 sagat 32 minut 07,986 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 22-nji ýeňşini gazandy. Werstappeniň meksikaly topardaşy Serhio Perez 16,527 sekunt yza galyp, 2-nji ýeri eýeledi. «Red Bull» topary taryhynda 9-njy gezek, 2016-njy ýyldan soňam ilkinji gezek goşa üstünlik gazandy. Ýaryşda 3-nji orna «McLaren» toparynyň britan sürüjisi Lando Norris mynasyp boldy. Başga bir britan piloty Jorj Rassell («Mercedes») 4-nji, finlýandiýaly Waltteri Bottas («Alfo Romeo») 5-nji ýeri eýeledi. Möwsüme şowly başlan «Ferrari» toparynyň sürüjileri üçin Italiýadaky bu ýaryş üstünlikli geçmedi. 2-nji hatardan ýaryşa goşulan Şarl Lekler 6-njy ýer bilen kanagatlanmaly boldy. Karlos Saýns Junior bolsa ýaryşyň başynda kiçeňräk çaknyşykdan soň bäsleşigiň daşynda galdy.





Ilkinji 4 ýaryşdan soň Lekler 89 utuk bilen öňde barýar. «Red Bulluň» sürüjileri Werstappen bilen Pereziň degişlilikde 59 we 54 utugy bar.

Möwsümiň 5-nji ýaryşy ABŞ-nyň Maýami şäherinde geçiriler. Maýami şäherinde ilkinji gezek F1 ýaryşy geçirilip, ol 8-nji maýda guralar.

# Çempionyň möwsümdäki ilkinji ýeňşi

Moto GP boýunça möwsümiň 5-nji ýaryşy Portugaliýanyň Portimao şäherinde geçirilip, onda «Monster Energy Yamaha» toparynyň fransuz sürüjisi Fabio Kuartararo ýeňiş gazandy. Geçen möwsümiň çempiony 25 aýlawy 41 minut 39,611 sekuntda geçmegi başardy. Bu onuň şu möwsümdäki 1-nji, karýerasyndaky 9-njy ýeňşidir. Kuartararodan 5,409 sekunt az netije görkezen «Ducati Pramac» toparynyň fransuz sürüjisi Ýohan Zarko 2-nji ýeri eýeledi. «Aprilia» toparynyň ispan piloty Aleiks Espargaro münberiň 3-nji basgançagyna çykdy.



Bu ýaryşdan soň sürüjileriň arasynda birinjilik ugrunda ýiti göreş bolup, Fabio Kuartararo bilen ispaniýaly Aleks Rins 69 utuk bilen 1-2-nji ýerleri paýlaşýarlar. Aleiks Espargaronyň 66, Enea Bastianininiň 61 utugy bar.

Moto GP-de nobatdaky ýaryş Ispaniýanyň Herez şäherinde geçiriler.

# Rowanpare arany açýar

Dünýä Ralli çempionatynyň möwsümdäki 3-nji ýaryşy Horwatiýa Rallisinde «Toyota Gazoo» toparynyň finlýandiýaly sürüjisi Kalle Rowanpare ýeňiş gazandy. Ol 21 tapgyrdan ybarat bolan 291,84 kilometr aralygy 2 sagat 28 minut 21,5 sekuntda geçmegi başardy. Rowanpare şu möwsümde bassyr 2-nji, karýerasyndaky 4-nji ýeňşini baýram etdi. Zagreb şäherinde geçirilen ýaryşda 2-3-nji ýerleri «Hyundai Motors» toparynyň sürüjileri eýeledi. Estoniýaly Ott Tanak ýeňijiden 4,3 sekunt, belgiýaly Tierri Noýwill bolsa 2 minut 21 sekunt yza galdy.



Dünýä Ralli çempionatynda sürüjileriň sanawynda soňky 2 ýaryşyň ýeňijisi Kalle Rowanpare 76 utuk bilen birinji orunda barýar. 2-nji ýerdäki Tierri Noýwilliň 47, 3-nji orundaky Kreýg Briniň 30 utugy bar.

Indiki ýaryş 19–22-nji maý aralygynda Portugaliýanyň Porto şäherinde geçiriler.

# «Bundesliga» «Bawariýanyň» ligasy

● Germaniýanyň «Bundesligasynda» möwsümiň tamamlanmagyna 3 tapgyr galanda «Bawariýa» çempionlygyny yglan etdi. Münhenliler 31-nji tapgyrda Dortmundyň «Borussiýasyndan» 3-1 hasabynda üstün çykdy.



Duşuşykda «Bawariýanyň» gollaryny Gnabri (15), Lewandowski (34) hem-de Musiala (83), «Borussiýanyň» goluny-da Emre Jan (52 p) geçirdi. Şeýlelikde, «Bawariýa» 2-nji ýerdäki «Borussiýa Dortmund» bilen utuk aratapawudyny 12-ä çykaryp, bassyr 10-njy çempionlygyny gazandy. Bu olaryň «Bundesligadaky» 31-nji, umumylykda-da 32-nji çempionlygydyr. «Bawariýa» Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynda yzly-yzyna 10 çempionlyk gazanan ilkinji klub hökmünde hasaba alyndy. Toparyň ýyldyz oýunçylaryndan Tomas Müller 11-nji gezek «Bundesliganyň» çempiony bolup, rekordyň täze eýesi boldy. Bu ugurda Dawid Alaba bilen Robert Lewandowski 10 çempionlyk gazanyp, ikinjiligi paýlaşýarlar.



«Bundesligada» 3-nji ýerdäki «Leipsig» öz meýdançasynda «Union Berlinden» soňky minutlarda geçirden gollary esasynda 2-1 utulyp, 4-nji orna düşdi. Myhmançylykda «Groýter Fürti» 4-1 ýeňen «Baýer» 3-nji orna beýgeldi. Duşuşykda «Baýer» toparynyň eýranly hüjümçisi Serdar Azmun «Bundesligadaky» ilkinji goluny geçirdi. Şeýle-de, bu ýeňlişden soň «Groýter Fürt» topary «Bundesliga» bilen hoşlaşan ilkinji klub boldy.

### PREMIER LEAGUE (34) — 21 gol

**Arsenal—Man. Ýunaýted: 3–1** (Tawareş 3, Saka 32 p, Džaka 70 — Ronaldo 34), **Lester—Aston Willa: 0–0, Man. Siti—Watford: 5–1** (Žesus 5, 23, 49 p, 53, Rodri 34 — Kamara 28), **Norwiç—Nýukasl: 0–3** (Žoelinton 35, 41, Gimaraýns 49), **Brentford—Tottenham: 0–0, Býornli—Wulwerhempton: 1–0** (Wydra 62), **Braýton—Southempton: 2–2** (Welbek 2, Salisu 44 ö.d. — Ward-Prouz 45+4, 54), **Çelsi—West Ham: 1–0** (Pulişiç 90), **Liwerpul—Ewerton: 2–0** (Robertson 62, Origi 85), **Kristal Palas—Lids: 0-0**

### LA LIGA (33) — 24 gol

**Malýorka—Alawes: 2–1** (Prats 11, Muriki 45+4 — Railio 73 ö.d.), **Betis—Elçe: 0–1** (Morente 82), **Wilýarreal—Walensiýa: 2–0** (Gruneweld 10 p, 17), **Selta—Hetafe: 0–2** (Maýoral 23, 51), **Osasuna—Real Madrid: 1–3** (Budimir 13 — Alaba 12, Asensio 45, Lukas Waskes 90+6), **Atletiko—Granada: 0–0, Lewante—Sewilýa: 2–3** (Morales 22 p, Soldado 87 — Korona 14, 27, Kunde 81), **Espanýol—Raýo Wallekano: 0–1** (Gwardiola 42), **Kadiz—Atletik: 2–3** (Lukas Perez 56, Sobrino 87 — R. Garsiýa 3, Muniain 22, Wesga 33), **R. Sosiedad—Barselona: 0–1** (Obameýang 11)

### SERIE A (34) — 32 gol

**Wenesiýa—Atalanta: 1–3** (Çrnigoý 80 — Paşaliç 44, Zapata 47, Muriel 63), **Torino—Spesiýa: 2–1** (Lukiç 4 p, 69 — Manaý 90+6 p), **Inter—Roma: 3–1** (Dumfris 30, Brozowiç 40, Martines 52 — Mhitarýan 85), **Werona—Sampdoriýa: 1–1** (Kaprari 78 – Kaputo 44), **Salernitana—Fiorentina: 2–1** (Žuriç 9, Bonazzoli 79 — Saponara 64), **Bolonýa—Udineze: 2–2** (Hiki 6, Sansone 59 — Udogi 25, Saksess 46), **Empoli—Napoli: 3–2** (Henderson 80, Pinamonti 83, 87 — Mertens 44, Insinýe 53), **Jenoa—Kaliari: 1–0** (Badel 89), **Lasio—Milan: 1–2** (Immobile 4 — Žiru 50, Tonali 90+2), **Sassuolo—Ýuwentus: 1–2** (Raspadori 39 — Dibala 45, Ken 88)

### LIGUE 1 (34) — 34 gol

**Lion—Monpelie: 5–2** (Dembele 26, Mendes 43, Auar 63, 90+3, Toko-Ekambi 68 — Wai 45+1, Sawanie 45+3), **Sent-Etien—Monako: 1–4** (Hazri 42 p — Ben Ýedder 23, Wolland 25, Kolodzeýçak 61 ö.d., Boadu 59), **PSŽ—Lans: 1–1** (Messi 68 — Žan 88), **Renn—Loriýan: 5–0** (Buržo 17, Terrie 19, Traore 47, Te 79, Lýabord 90+2), **Klermon—Anže: 2–2** (Baýo 72, Da Kunýa 82 — Şo 37, Traore 44), **Mets—Brest: 0–1** (Belaili 27), **Nant—Bordo: 5–3** (Kulibali 47, 72, Mangaş 51 ö.d., Simon 76, Bukari 89 — Niang 6, Dilrosun 18, Kwateng 68), **Nissa—Trua: 1–0** (Turam 90+4), **Lill—Strasbur: 1–0** (Çelik 88), **Reýms—Marsel: 0–1** (Žerson 83)

### BUNDESLIGA (31) — 35 gol

**Wolfsburg—Maýns: 5–0** (Wind 8, 42, Kruze 24 p, 35, 45+2), **Aýntraht—Hoffenhaým: 2–2** (Kamada 66, Ndika 32 — Ndika 12 ö.d. Rütter 78), **Köln—Arminiýa: 3–1** (Ut 3, Modest 43, Tilmann 86 — Hübertz 33 ö.d.), **Groýter Fürt—Baýer: 1–4** (Willems 5 — Şik 8, Azmun 18, Paulinio 58, Palasios 84), **Leipsig—Union Berlin: 1–2** (Poulsen 46 — Mihel 86, Berens 89), **Fraýburg—Borussiýa M: 3–3** (Grifo 49 p, Günter 61, Linhart 80—Bensebaini 3 p, Embolo 13, Ştindl 90+3), **Bawariýa—Borussiýa D: 3–1** (Gnabri 15, Lewandowski 34, Musiala 83 — Emre Jan 52 p), **Bohum—Augsburg: 0–2** (Han 15, Gregoriç 43 p), **Herta—Ştutgart: 2–0** (Zelke 4, Belfodil 90+3)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MAN. SITI | 33 | 25 | 5 | 3 | 80-21 | 80 |
| 2 | LIWERPUL | 33 | 24 | 7 | 2 | 85-22 | 79 |
| 3 | ÇELSI | 32 | 19 | 8 | 5 | 67-27 | 65 |
| 4 | ARSENAL | 33 | 19 | 3 | 11 | 52-40 | 60 |
| 5 | TOTTENHAM | 33 | 18 | 4 | 11 | 56-38 | 58 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 34 | 15 | 9 | 10 | 53-51 | 54 |
| 7 | WEST HAM | 34 | 15 | 7 | 12 | 52-44 | 52 |
| 8 | W. HEMPTON | 33 | 15 | 4 | 14 | 33-29 | 49 |
| 9 | NÝUKASL | 34 | 11 | 10 | 13 | 40-55 | 43 |
| 10 | LESTER | 32 | 11 | 9 | 12 | 47-51 | 42 |
| 11 | BRAÝTON | 34 | 9 | 14 | 11 | 31-42 | 41 |
| 12 | BRENTFORD | 34 | 11 | 7 | 16 | 41-49 | 40 |
| 13 | SOUTHEMPTON | 34 | 9 | 13 | 12 | 40-56 | 40 |
| 14 | K. PALAS | 33 | 8 | 14 | 11 | 43-41 | 38 |
| 15 | ASTON WILLA | 32 | 11 | 4 | 17 | 42-46 | 37 |
| 16 | LIDS | 33 | 8 | 10 | 15 | 38-68 | 34 |
| 17 | BÝORNLI | 33 | 6 | 13 | 14 | 29-45 | 31 |
| 18 | EWERTON | 32 | 8 | 5 | 19 | 34-55 | 29 |
| 19 | WATFORD | 33 | 6 | 4 | 23 | 31-67 | 22 |
| 20 | NORWIÇ | 33 | 5 | 6 | 22 | 22-69 | 21 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 22 |
| 2 | Hyn Min Son (Tottenham) | 17 |
| 3 | Kristiano RONALDO (M. Ýunaýted) | 16 |
| 4 | Diego ZOTA (Liwerpul) | 15 |
| 5 | Sadio MANE (Liwerpul) | 14 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 33 | 24 | 6 | 3 | 69-29 | 78 |
| 2 | BARSELONA | 33 | 18 | 9 | 6 | 61-33 | 63 |
| 3 | SEWILÝA | 33 | 17 | 12 | 4 | 49-27 | 63 |
| 4 | ATLETIKO | 33 | 18 | 7 | 8 | 59-39 | 61 |
| 5 | BETIS | 33 | 17 | 6 | 10 | 56-38 | 57 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 33 | 15 | 10 | 8 | 32-31 | 55 |
| 7 | WILÝARREAL | 33 | 14 | 10 | 9 | 53-31 | 52 |
| 8 | ATLETIK B | 33 | 12 | 12 | 9 | 39-34 | 48 |
| 9 | OSASUNA | 33 | 12 | 8 | 13 | 34-44 | 44 |
| 10 | WALENSIÝA | 33 | 10 | 12 | 11 | 44-48 | 42 |
| 11 | R. WALLEKANO | 33 | 11 | 7 | 15 | 34-38 | 40 |
| 12 | SELTA | 33 | 10 | 9 | 14 | 36-37 | 39 |
| 13 | ESPANÝOL | 33 | 10 | 9 | 14 | 37-45 | 39 |
| 14 | ELÇE | 33 | 10 | 8 | 15 | 36-44 | 38 |
| 15 | HETAFE | 33 | 8 | 11 | 14 | 31-37 | 35 |
| 16 | MAĽÝORKA | 33 | 8 | 8 | 17 | 29-54 | 32 |
| 17 | KADIZ | 33 | 6 | 13 | 14 | 29-46 | 31 |
| 18 | GRANADA | 33 | 6 | 12 | 15 | 36-56 | 30 |
| 19 | ALAWES | 33 | 6 | 7 | 20 | 26-55 | 25 |
| 20 | LEWANTE | 33 | 5 | 10 | 18 | 41-65 | 25 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 25 |
| 2 | HUANMI (Betis) | 15 |
| 3 | Raul DE TOMAS (Espanýol) | 15 |
| 4 | Enes ÜNAL (Hetafe) | 15 |
| 5 | Winisius JUNIOR (Real Madrid) | 14 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MILAN | 34 | 22 | 8 | 4 | 60-30 | 74 |
| 2 | INTER | 34 | 21 | 9 | 4 | 72-28 | 72 |
| 3 | NAPOLI | 34 | 20 | 7 | 7 | 61-30 | 67 |
| 4 | ÝUWENTUS | 34 | 19 | 9 | 6 | 52-30 | 66 |
| 5 | ROMA | 34 | 17 | 7 | 10 | 55-40 | 58 |
| 6 | LASIO | 34 | 16 | 8 | 10 | 66-50 | 56 |
| 7 | FIORENTINA | 34 | 17 | 5 | 12 | 54-46 | 56 |
| 8 | ATALANTA | 34 | 15 | 10 | 9 | 61-43 | 55 |
| 9 | WERONA | 34 | 13 | 10 | 11 | 59-51 | 49 |
| 10 | SASSUOLO | 34 | 12 | 10 | 12 | 59-55 | 46 |
| 11 | TORINO | 34 | 11 | 11 | 12 | 42-36 | 44 |
| 12 | UDINEZE | 34 | 10 | 13 | 11 | 53-52 | 43 |
| 13 | BOLONÝA | 34 | 11 | 9 | 14 | 39-48 | 42 |
| 14 | EMPOLI | 34 | 9 | 10 | 15 | 45-62 | 37 |
| 15 | SPESIÝA | 34 | 9 | 6 | 19 | 34-59 | 33 |
| 16 | SAMPDORIÝA | 34 | 8 | 6 | 20 | 41-57 | 30 |
| 17 | KALIARI | 34 | 6 | 10 | 18 | 31-62 | 28 |
| 18 | SALERNITANA | 33 | 6 | 7 | 20 | 28-70 | 25 |
| 19 | JENOA | 34 | 3 | 16 | 15 | 25-54 | 25 |
| 20 | WENESIÝA | 33 | 5 | 7 | 21 | 27-61 | 22 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Çiro IMMOBILE (Lasio) | 26 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 23 |
| 3 | Jowanni SIMEONE (Werona) | 16 |
| 4 | Lautara MARTINES (Inter) | 16 |
| 5 | Temmi ABRAHAM (Roma) | 15 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ (Ç) | 34 | 24 | 6 | 4 | 76-31 | 78 |
| 2 | MARSEL | 34 | 19 | 8 | 7 | 56-33 | 65 |
| 3 | RENN | 34 | 18 | 5 | 11 | 75-36 | 59 |
| 4 | MONAKO | 34 | 17 | 8 | 9 | 55-35 | 59 |
| 5 | NISSA | 34 | 17 | 7 | 10 | 43-29 | 57 |
| 6 | STRASBUR | 34 | 15 | 11 | 8 | 55-36 | 56 |
| 7 | LANS | 34 | 15 | 9 | 10 | 53-42 | 54 |
| 8 | LION | 34 | 14 | 11 | 9 | 56-45 | 53 |
| 9 | LILL | 34 | 13 | 12 | 9 | 42-40 | 51 |
| 10 | NANT | 34 | 14 | 8 | 12 | 48-41 | 50 |
| 11 | BREST | 34 | 12 | 9 | 13 | 43-48 | 45 |
| 12 | MONPELIE | 34 | 12 | 6 | 16 | 46-51 | 42 |
| 13 | REÝMS | 34 | 9 | 13 | 12 | 36-37 | 40 |
| 14 | ANŽE | 34 | 8 | 11 | 15 | 38-51 | 35 |
| 15 | LORIÝAN | 34 | 8 | 10 | 16 | 33-57 | 34 |
| 16 | TRUA | 34 | 8 | 9 | 17 | 30-47 | 33 |
| 17 | KLERMON | 34 | 8 | 9 | 17 | 35-63 | 33 |
| 18 | SENT-ETIEN | 34 | 7 | 10 | 17 | 38-68 | 31 |
| 19 | BORDO | 34 | 5 | 12 | 17 | 47-84 | 27 |
| 20 | METS | 34 | 4 | 12 | 18 | 29-60 | 24 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 23 |
| 2 | Martin TERRIE (Renn) | 21 |
| 3 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 20 |
| 4 | Mussa DEMBELE (Lion) | 16 |
| 5 | Gaetan LÝABORD (Renn) | 15 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA (Ç) | 31 | 24 | 3 | 4 | 92-30 | 75 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 31 | 20 | 3 | 8 | 77-46 | 63 |
| 3 | BAÝER | 31 | 16 | 7 | 8 | 72-44 | 55 |
| 4 | LEIPSIG | 31 | 16 | 6 | 9 | 66-33 | 54 |
| 5 | FRAÝBURG | 31 | 14 | 10 | 7 | 52-37 | 52 |
| 6 | UNION BERLIN | 31 | 14 | 8 | 9 | 42-40 | 50 |
| 7 | KÖLN | 31 | 13 | 10 | 8 | 47-45 | 49 |
| 8 | HOFFENHAÝM | 31 | 13 | 7 | 11 | 52-47 | 46 |
| 9 | AÝNTRAHT | 31 | 10 | 10 | 11 | 42-44 | 40 |
| 10 | MAÝNS | 31 | 11 | 6 | 14 | 43-41 | 39 |
| 11 | BORUSSIÝA M | 31 | 10 | 8 | 13 | 45-58 | 38 |
| 12 | WOLFSBURG | 31 | 11 | 4 | 16 | 39-51 | 37 |
| 13 | BOHUM | 31 | 10 | 6 | 15 | 30-45 | 36 |
| 14 | AUGSBURG | 31 | 9 | 8 | 14 | 36-47 | 35 |
| 15 | HERTA | 31 | 9 | 5 | 17 | 34-66 | 32 |
| 16 | ŞTUTGART | 31 | 6 | 10 | 15 | 36-55 | 28 |
| 17 | ARMINIÝA | 31 | 5 | 11 | 15 | 24-49 | 26 |
| 18 | GROÝTER FÜRT | 31 | 3 | 8 | 20 | 25-76 | 17 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Bawariýa) | 33 |
| 2 | Patrik ŞIK (Baýer) | 21 |
| 3 | Erling HOLANN (Borussiýa D) | 18 |
| 4 | Kristofer NKUNKU (Leipsig) | 17 |
| 5 | Antoni MODEST (Köln) | 17 |

# PSŽ-niň 10-njy ÇEMPIONLYGY

Fransiýanyň çempionatynda PSŽ toparyna çempionlyk üçin 1 utuk hem ýeterlikdi. Parižliler öz meýdançasynda «Lansy» kabul edip, gerek bolan şol utugy hem gazanmagy başardylar. 68-nji minutda Messiniň goluna «Lans» topary 88-nji minutda Žanyň goly bilen jogap berdi. Şeýlelikde, geçen möwsümde çempionlygy «Lill» toparyna aldyran PSŽ topary soňky 10 ýylda 8-nji, umumylykda-da 10-njy gezek «Ligue 1»-iň çempiony bolmagy başardy (1986, 1994, 2013, 2014, 2015, 2016, 2018, 2019, 2020, 2022). 2-nji ýerdäki «Marsel» hem myhmançylykda «Reýmsi» 1–0 ýeňdi.



### RONALDONYŇ 100-nji GOLY

● Angliýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Watfordy» 5–1 ýeňdi. Oýunda soňky tapgyrlaryň ezber hüjümçisi Gabriel Žesus 4 gol geçirdi. «Mersisaýd» derbisinde «Liwerpul» şäherdeşi «Ewertondan» 2–0 üstün çykdy. London derbisinde «Çelsi» Pulişiçiň 90-njy minutdaky goly bilen «West Hamy» 1–0 utdy. Tapgyryň merkezi duşuşygynda «Arsenal» Londonda «Mançester Ýunaýtedi» 3–1 hasabynda ýeňdi.



«Ýunaýtediň» ýeke-täk goluny geçiren Kristiano Ronaldonyň «Premier Ligadaky» gollarynyň sany 100-e ýetdi we ol 100 gola ýeten 33-nji futbolçy boldy.

### ÇEMPIONLYK ÜÇIN 1 UTUK ÝETERLIK

● Ispaniýanyň çempionatynda «Real Madrid» Benzemanyň penaltiden 2 gol geçiren oýnunda «Osasunany» 3–1 ýeňdi. Benzema «La Ligada» 16 ýyldan soň 1 oýunda 2 penaltini geçirip bilmedik ilkinji futbolçy boldy. «Barselona» topary myhmançylykda «Real Sosiedady» Obameýangyň goly bilen 1–0 utdy. Katalonlar 21-nji tapgyryň galdyrylan duşuşygynda-da öz meýdançasynda «Raýo Wallekanodan» 1–0 asgyn geldi. Bu olaryň öz meýdançasynda bassyr 3-nji ýeňşi bolup, «Barselona» «Aýntrahtdan» we «Kadizden» hem utulypdy. «Barselona» topary taryhynda ilkinji sapar bir möwsümde yzly-yzyna 3 gezek öz meýdançasynda ýeňlişe sezewar boldy. Bu ýeňlişden soň «Real Madride» çempionlyk ugrunda 1 utuk ýeterlik bolar.

### «MILAN» BIRINJI ORUNDA GALDY

● Italiýanyň çempionatynda Milan bilen Rim şäherleriniň toparlary özara duşuşdy. Netijede, Milan şäheriniň wekilleri ýeňiş gazanmagy başardy. Ýagny «Milan» myhmançylykda «Lasiony» soňky minutlarda 2–1 utdy. «Inter» hem öz meýdançasynda «Romadan» 3–1 üstün çykdy. 80-nji minuta çenli 2–0 öňde barýan «Napoli» 7 minutda 3 gol geçirdip, «Empoliden» 3–2 utuldy we çempionlyk ýaryşynda uly ýitgä sezewar boldy. «Ýuwentus» topary-da garşydaşy «Sassuolonyň» 1–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, soňky minutlarda ýeňiş goluny geçirip, 2–1 hasabynda üstün çykdy. 20-nji tapgyryň galdyrylan oýnunda-da «Inter» myhmançylykda «Bolonýadan» 2–1 utulyp, birinji orna geçmek mümkinçiligini elden giderdi.

# AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň halkyny mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň mundan beýläk-de pajarlap ösmeginiň, güllemeginiň hatyrasyna Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny Allatagaladan dileýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!** Halkymyzyň beýleki milli baýramlary bilen birlikde, bu baýram hem eýe bolan mukaddes Garaşsyzlygymyzyň saýasynda bellenilip başlanan baýramlaryň biridir. Ata-babalarymyzyň däp-dessurlaryny dowam etdirýändigiňiz üçin Size tüýs ýürekden alkyş aýdýarys! Siziň ýol-ýörelgeleriňize ýürekden uýýan ruhubelent, agzybir halkymyz hemişe Siziň bilendir!

**Hormatly Prezidentimiz!** Baýramy baýrama ulaşyp gidýän ruhubelent ildeşlerimiziň mukaddes Oraza aýynda Siziň adyňyza aýdan alkyş-dileginiň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny dileýäris! Size berk jan saglyk, uzak ömür, jogapkärli işiňizde uly-uly üstünlikler hemra bolsun! Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň at-abraýyny dünýä doldurmak mundan beýläk-de Size miýesser etsin! Bagtyýarlyk döwrümizde ähli halkymyz Siziň daşyňyza has-da jebisleşip, agzybirlikde we bolelinlikde ýaşasyn!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

TÜRKMENISTANYŇ DOKMA SENAGATY MINISTRLIGINIŇ

# «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we mähriban halkymyzy mukaddes Oraza baýramy mynasybetli tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Halkymyzyň köpasyrlyk taryhynyň dowamynda döreden baý ruhy mirasy – Oraza baýramy dünýäniň umumadamzat gymmatlyklarynyň bir bölegidir. Remezan köňül öýleriniň mähri bilen baglanyşyklydyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ruhy dünýäsi ýagşylyga, ajap umyt-arzuwlara beslenen halkymyz her bir mukaddeslige kalp öýünden orun berip ýaşaýar. Oraza aýy ynsan durmuşyna, ýüregine nur çaýýar. Oraza aýynda Diýarymyzyň asudalygy, il-günümiziň abadançylygy, Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi, halkymyzyň bagtyýar şu güni we röwşen geljegi ugrunda atalyk aladasyny edýän belent mertebeli Prezidentimiz – Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli tutumly işleriňiziň hemişe rowaç bolmagy arzuw edilip, doga-dilegler edildi. Goý, päklenmegiň, toba etmegiň belent nyşany hökmünde Allatagalanyň ynsan kalbyna bagyş eden mübärek Oraza aýynda edilen doga-dilegler, alkyş-ybadatlar Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

TÜRKMENISTANYŇ DOKMA SENAGATY MINISTRLIGINIŇ

# MARYNYŇ «ÝEŇIŞ» TIKIN FABRIGI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda ruhy päkligiň we sahawatlylygyň, hoşniýetliligiň we abadançylygyň nyşany hökmünde uly dabara bilen giňden bellenip geçilýän mukaddes Oraza baýramy mynasybetli tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

Bütin bir aýyň dowamynda agyz beklemek ynsan synasyna, kalbyna tämiz duýgulary bagyşlaýar.

**Çuňňur hormatlanylýan Prezidentimiz!**

Gudraty güýçli Allatagala mukaddes Remezan aýynda tutulan orazalaryň, edilen ýagşy doga-dilegleriň hormatyna il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleriňizi elmydama rowaç etsin! Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, belent başyňyzyň aman, mertebäňiziň mundan-da belent bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi türkmenistanlylaryň uly dabara bilen giňden belläp geçýän mukaddes Oraza baýramy mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Marynyň «ÝEŇIŞ» tikin fabriginiň ýolbaşçylary we işgärleri.**

TÜRKMENISTANYŇ DOKMA SENAGATY MINISTRLIGINIŇ

# GYPJAKDAKY S. NYÝAZOW ADYNDAKY DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ildeşlerimizi ähli musulmanyň iň mukaddes baýramlarynyň biri bolan Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Oraza aýynda metjitlerde ata Watanymyzyň gülläp ösmeginiň, halkymyzyň bagtly we abadan durmuşda ýaşamagynyň, ruhy-medeni gymmatlyklarymyzy hem-de parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik, raýdaşlyk ýaly ýörelgelerimizi artdyrmagyň bähbidine, milli agzybirligimizi we jebisligimizi has-da berkitmegiň hatyrasyna doga-dilegler edildi. Şunda ýaşlaryň ynsanperwerlik, watansöýüjilik we paýhasly pederlerimiziň döreden asylly ýörelgelerine ygrarlylyk esasynda terbiýelenmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Alyp barýan ähli sogap işiňiz üçin halkymyz Size alkyş aýdyp, Allatagaladan başyňyzyň hemişe dik, ömrüňiziň uzak bolmagyny dileýär. Ýurduň gülläp ösmegi, halkyň hal-ýagdaýynyň has-da gowulanmagy üçin alyp barýan işleriňizde Size güýç-kuwwat dileýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň Gypjakdaky S. Nyýazow adyndaky dokma toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

TÜRKMENISTANYŇ DOKMA SENAGATY MINISTRLIGINIŇ

# TÜRKMENBAŞY TEKSTIL KOMPLEKSI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Mübärek Remezan aýynda Size we mähriban ildeşlerimize Oraza baýramy mynasybetli iň gowy arzuwlarymyzy ýollaýarys!

Ajaýyp döwrümizde halkymyz üçin döredilýän şertler, asuda, parahat, bolelin durmuşda ýaşamak üçin döredilýän mümkinçilikler raýatlarymyzda buýsanç duýgusyny oýarýar. Halkymyz her ýyl umyt-arzuwlar bilen Oraza aýyny garşylaýar. Oraza aýyny ýagşy dilegler, yhlasly ybadatlar, haýyr-sahawat bilen geçirmek halkymyzyň asylly dessurlarynyň biridir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu dessur täze mana, ilhalar mazmuna eýe bolýar.

Baýramy-baýramlara ulaşyp gidýän ruhubelent ildeşlerimiziň mukaddes Oraza aýynda Siziň adyňyza aýdan alkyş-dilegleriniň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny dileýäris! Size berk jan saglyk, uzak ömür, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň at-abraýyny dünýä doldurmakda uly-uly üstünlikler arzuw edýäris! Goý, her bir adamyň eden ýagşy amallary, dilegleri Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «TÜRKMENTURBA» AÇYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Oraza baýramy mynasybetli Sizi we ähli halkymyzy gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Ruhubelent halkymyzyň eşretli durmuşynyň, bagtly geljeginiň hatyrasyna Beýik Biribar Sizi mydama öz penasynda aman saklasyn, janyňyz sag, manyly ömrüňiz uzak, il-halk bähbitli işleriňiz şowly bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENTURBA» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Oraza baýramy mynasybetli Sizi we halkymyzy tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Halkymyz bereketden, sahawatdan, haýyr işlerden doly Oraza aýynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe il-ýurdumyzyň abadan durmuşy üçin alyp barýan ähli işleriňiziň hasyl bolmagyny arzuw edip, doga-dileg edýärler. Mukaddes Oraza aýynda okalan doga-dilegler Beýik Allatagalanyň dergähinde kabul bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÜRKMENBAŞYDAKY NEBITI GAÝTADAN IŞLEÝÄN ZAWODLAR TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi musulman dünýäsinde mübärek baýramlaryň biri bolan mukaddes Oraza baýramy bilen Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň agzybir işgärleriniň adyndan tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Köküni asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan Oraza baýramy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyz tarapyndan giňden bellenilýär. Milli däp-dessurlarymyzyň dikeldilmegi bilen birlikde, Oraza baýramynyň hem tutumynyň uludan tutulmagy adalata beslenen döwletimiziň raýatlarynyň ruhuny has belende göterýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Oraza aýy dünýäniň ähli musulmany üçin mukaddesdir. Halkymyz hem bu aýda agyz bekläp, doga okap, mukaddes baýramçylygy şatlyk bilen belläp geçýär.

**Çuňňur hormatlanýan Prezidentimiz!** Şu baýramçylyk güni Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň zähmetkeşleri kärhananyň we ýurduň rowaçlyklarynyň bähbidine edýän aladalaryňyz üçin Size alkyş sözlerini aýdýarlar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Janyňyz sag, işleriňiz rowaç, belent başyňyz aman bolsun, halkymyzyň tutan orazasy, beren sadakalary, eden doga-dilegleri Allanyň dergähinde kabul bolsun!

Süňňi halallygyň, agzybirligiň, rysgal-berekediň baýramy bolan Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň agzybir işgärleriniň adyndan toplumyň baş direktory D. ÇIŞIÝEW.**

# AGRi

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy mukaddes Oraza baýramy mynasybetli gutlaýarys!

Ähli musulman dünýäsinde bolşy ýaly, ýurdumyzda hem mukaddes Remezan aýynyň tamamlanmagy bilen musulmanlaryň Oraza baýramy bellenilýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli işleriňizde rowaçlyk arzuw edýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# nowa

YOKARY HILLI GAPLAMA

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Mukaddes Remezan aýynda Size we mähriban halkymyza dünýädäki ähli gowulyklary dileg edýäris! Oraza halklary biri-birine ýakynlaşdyrýar. Bu baýramyň many-mazmunynda halkymyzyň beýik medeniýeti, gadymy däp-dessurlary, ynanç-adatlary jemlenendir. Oraza aýynda Beýik Biribardan Size berk jan saglyk, tutumly işleriňizde rowaçlyk dileýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## Miweli Ülke

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi hem-de eziz halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Oraza aýynyň iň mübärek gijesi Gadyr gijesi hasap edilýär. Şonuň üçin oňa gijeleriň soltany diýilýär. Bu gijäniň gadyr-gymmaty, haýyrlydygy hakynda dürli taryhy çeşmelerde aýdylýar. Gadyr gijesinde halkymyz ata-baba aňyrdan gelýän däp-dessura görä, mukaddes ojaklarynda nahar taýýarlap, goňşokara däbini ýöredip, birek-birege hoşniýetli sözleri aýdyp, maşgala agzybirligi, rysgal-döwletliligi dileg edýärler. Bu hoşniýetlilik ynsanlary biri-birine ýakynlaşdyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siz hemişe il agzybirligi, ýurt abadançylygy, halkymyzyň eşretli, bolelin ýaşaýşy bilen bagly işleriň aladasy bilen ýaşaýarsyňyz. Goý, Oraza aýynda her birimiziň doga-dileglerimiz, arzuwisleglerimiz hasyl bolsun! Goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, halkymyzyň eşretli ertiri üçin alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriňiz, beýik tutumlaryňyz hemişe rowaç bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«MIWELI ÜLKE» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## BAHMAN TRADING CORP.

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENT!

Sizi we ähli türkmen halkyny mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Goý, Allatagalanyň ynsan kalbyna bagyş eden mübärek Gadyr gijesinde edilen doga–dilegler, alkyş–ybadatlar Hakyň dergähinde kabul bolsun!

**Hormatly Prezident!** Goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, il-ýurt bähbitli işleriňiz rowaç bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«BAHMAN TRADING CORP.» kompaniýasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## AJAÝYP BINA

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Oraza aýynda agyz bekläp, dost-ýarlaryny, dogan-garyndaşlaryny myhmançylyga çagyryp, agzaçar edip, gudraty güýçli Allatagaladan birek-birege gowulyklaryň dilenýän aýy bolan mukaddes Remezan aýynda Oraza baýramy mynasybetli Size we mähriban halkymyza iň süýji arzuwlarymyzy ýetirýäris.

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Kärhananyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## Zehinli iş

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi hem-de eziz halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Täze üstünliklere sary öňe barýan ýurdumyzda tutuş musulman ymmaty üçin mukaddes Oraza baýramy bellenilýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mukaddes Oraza baýramy milli däp-dessurlarymyza, gadymy adatlarymyza laýyklykda giňden bellenip geçilýär. Oraza aýy agzybirligiň, dostlugyň we ruhubelentligiň aýydyr. Mukaddes Oraza aýy – ruhy taýdan tämizligiň hem-de haýyr-sahawatyň aýy hasaplanýar. Asylly we sogap işleri etmek üçin ähli döwürde hem mümkinçilik bardyr, emma Oraza aýynda edilýän sogap işleriň ähmiýeti has-da uludyr. Oraza aýy adamlaryň arasynda birek-birek bilen ysnyşykly gatnaşyklar has-da berkeýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi hem-de eziz halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Agzybir halkymyzy eşretli durmuşa alyp barýan hormatly Prezidentimiz – Size işleriňizde rowaçlyk, mähriban halkymyza asuda asman we bagtyýar durmuş arzuw edýäris! Arzuwlaryň hasyl bolýan aýynda Size Beýik Biribardan berk jan saglyk, uzak ömür dileýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ZEHINLI IŞ» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Oraza baýramy Türkmenistanda halkymyzyň giňden belleýän baýramlarynyň biridir. Sizi we ähli halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Biz hemişe Siziň başyňyzyň dik, ömrüňiziň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli işleriňizde uly-uly üstünlikler gazanmagyňyzy gudraty güýçli Allatagaladan dileýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**


## *GADYRLY OKYJYLAR!*

*«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2022-nji ýylyň II ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär. Gazetimize ýazylmak üçin «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasynyň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!*

**INDEKSI 69477.**

*Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!*

